TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTANDA AZYK HOWPSUZLYGYNYŇ GAZANYLMAGY ÝURDUMYZY DURMUŞ-YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRMEGIŇ ESASY UGURLARYNYŇ BIRI BOLMAK BILEN, BU BABATDA MAKSATNAMALAÝYN IŞLER DURMUŞA GEÇIRILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
1-nji dekabr, 2023. Belgisi 48/1562




# TÜRKMEN-HYTAÝ HYZMATDAŞLYGY PUGTALANDYRYLÝAR

*29-njy noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň altynjy mejlisine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýany kabul etdi.*

Myhman türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň hem-de Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýanyň iberen salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, Hytaýda oňyn daşary syýasat ugruny durmuşa geçirip, ösüş ýolunda ynamly öňe barýan Türkmenistan bilen däp bolan dostluk, hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, HHR-iň wekilýetiniň agzalaryna hökümetara komitetiň nobatdaky mejlisiniň we türkmen kärdeşleri bilen gepleşikleriň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi. Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň ýolbaşçylaryna mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, dürli ulgamlarda üstünlikli ösdürilýän döwletara gatnaşyklaryň okgunly häsiýetini nygtady. Bilelikdäki tagallalary utgaşdyrmakda türkmen-hytaý hökümetara komitetine uly orun degişlidir.

Duşuşygyň dowamynda komitetiň altynjy mejlisiniň gün tertibi boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Bellenilişi ýaly, mejlise taýýarlygyň çäklerinde söwda-ykdysady, energetika, ulag-logistika, ynsanperwer we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk babatda kiçi komitetleriň mejlisleri hem-de beýleki duşuşyklar geçirildi. Aşgabatda boljak gepleşiklerde hyzmatdaşlygyň giň ugurlary ara alnyp maslahatlaşylar. Şunuň bilen baglylykda, şu gezekki mejlisiň netijeleriniň türkmen-hytaý gatnaşyklaryny täze derejä çykarmaga ýardam berjekdigine ynam bildirildi.

Strategik häsiýete eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary döwlet, Hökümet we ministrlikler derejesinde netijeli ösdürilýändigi nygtaldy. Şunuň bilen birlikde, parlament we partiýa wekilleriniň gatnaşyklary işjeňleşdirilýär. Sebitara hyzmatdaşlyk hem täze ösüşe eýe boldy.

Hormatly Prezidentimiz döwletara hyzmatdaşlygy giňeltmekde ýokary derejede geçirilýän gepleşikleriň uly ähmiýeti barada aýtmak bilen, şu ýyl Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran saparlarynyň dowamynda HHR-iň Başlygy Si Szinpin bilen geçiren duşuşyklaryny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi. Ýakynda bolsa türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaýda saparda boldy. Gahryman Arkadagymyz Pekinde «Bir guşak, bir ýol» üçünji halkara forumyna gatnaşdy hem-de Hytaýyň ýolbaşçylary, şol sanda Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň MK-nyň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary bilen netijeli gepleşikleri geçirdi. Şunuň bilen baglylykda, şol saparlaryň barşynda gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmeginiň häzirki wagtda möhüm wezipe bolup durýandygy nygtaldy.

Soňky ýyllarda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň täze derejä çykandygy bellenildi. Köp ýyllardan bäri Hytaý Türkmenistanyň iň iri daşary ykdysady hyzmatdaşy bolup durýar. Energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygy özara bähbitli gatnaşyklaryň aýdyň mysaly hökmünde görkezmek bolar. Döwletara dialogda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyga aýratyn orun degişlidir. Köp sanly türkmen ýaşlary HHR-iň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýarlar. Ýurdumyzyň birnäçe orta we ýokary okuw mekdeplerinde hytaý dili öwredilýär. Ýakynda Aşgabatda Hytaýyň Türkmenistandaky Medeniýet ýylynyň açylyşy, şeýle hem Mary şäherinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň forumynyň geçirilmegi bu ugurdaky netijeli hyzmatdaşlygyň anyk mysallarydyr. Türkmenistan bilen HHR sebit derejesinde we halkara guramalaryň, ozaly bilen, BMG-niň çäklerinde-de oňyn hyzmatdaşlyk edýärler.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň MK-nyň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýan umumy abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýän döwletara gatnaşyklaryň geljekde hem hemmetaraplaýyn ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

### HÖKÜMETARA KOMITETINIŇ MEJLISI GEÇIRILDI

Şol gün paýtagtymyzda iki ýurduň degişli pudaklaýyn düzümleriniň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň gatnaşmagynda Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň altynjy mejlisi geçirildi. Oňa gatnaşmak üçin bu komitetiň hytaý tarapyndan başlygy, Hytaýyň kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýanyň ýolbaşçylygyndaky wekilýet Aşgabada geldi.

Taraplar ynanyşmak, hormat goýmak we özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda ýola goýulýan netijeli hyzmatdaşlyga, köpasyrlyk gatnaşyklaryna üýtgewsiz ygrarlydyklaryny beýan edip, köptaraplaýyn döwletara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar hem-de ony gyzyklanma bildirilýän ugurlarda mundan beýläk-de giňeltmek boýunça anyk çäreleri kesgitlediler.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde däp bolan söwda-ykdysady, ulag, energetika pudaklary görkezildi. Türkmenistan we Hytaý ýangyç-energetika toplumynda köpýyllyk hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesini topladylar. Ulag-logistika pudagynda türkmen-hytaý gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek üçin hem uly mümkinçilikleriň bardygy bellenip geçildi. Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň 6-njy mejlisiniň jemleri boýunça degişli Teswirnama, şeýle hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Ylym we tehnologiýalar ministrliginiň arasynda ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda halkara awtomobil gatnawlary hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

## «Agro-Pak Türkmenistan – 2023» atly halkara sergi

*28-30-njy noýabr aralygynda Söwda-senagat edarasynyň sergiler zalynda azyk önümçiliginiň döwrebap tehnologiýalarynyň «Agro-Pak Türkmenistan – 2023» atly halkara sergisi geçirildi.*

Halkara sergi oba hojalyk pudagynda diňe bir ýurdumyzyň gazanan üstünliklerini beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem, bu pudakda işjeň orun eýeleýän işewür düzümleriň ägirt uly mümkinçiliklerini hem görkezýär. Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň kompaniýalarynyň, hususy telekeçileriniň 90-a golaýy bu ýerde öz önümlerini görkezdiler. Ýurdumyzyň Oba hojalyk, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrlikleri bilen bir hatarda, Azerbaýjandan, Eýrandan, Germaniýadan, Moldowadan, Niderlandlardan, Russiýadan, Türkiýeden we Özbegistandan gatnaşyjylar halkara sergide öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdylar. Olarda innowasion tehnologiýalara we nou-haulara üns çekildi.

Türkiýäniň kompaniýalary dürli gaplaýjy maşynlaryny, iýmleri garyşdyrmak üçin gurallaryny, ekiji, ýygyjy, ideg ediji tehnikalaryny, ösümlik ýagyny öndürýän maşynlaryny, guradyjy ulgamlaryny tanyşdyrdylar. Russiýaly telekeçiler ýyladyşhanalaryň, maldarçylyk hojalyklarynyň gurluşygynda ulanylýan häzirki zaman gurluşlary we ekologiýa babatda alyp barýan işleri bilen sergä gatnaşyjylary tanyşdyrýarlar. Damjalaýyn suwaryş ulgamlary, ekinleri goramak üçin mineral dökünler, tohumlaryň we önümleri gaplamagyň, olary belgilemegiň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrýan daşary ýurtly işewürleriň diwarlyklary aýratyn gyzyklanma döretdi.

Döwlete dahylsyz ulgamyň ykdysadyýetde eýeleýän ornunyň barha artdyrylmagy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksat-



namasynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi.

Sergide «Lebiz plastik», «Ýedidogan Nur», «Garagum», «Toprak» kärhanalary öz öndürýän gaplama önümlerini görkezdiler. Dünýä tejribelerini we öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmak arkaly olar öz işlerini barha kämilleşdirýärler. Sergide «Arçalyk», «Sada suw» hususy kärhanalarynyň, «Ýakymly kümüş suwy» we «Mahmal Zip» hojalyk jemgyýetleriniň arassa agyz suwlarynyň, tebigy gök-bakja, miwe şireleriniň köp görnüşi hödürlenilýär. Şeýle-de «Parahat» hususy kärhanasynyň belli «Joş», «Eçil» haryt nyşanly miwe suwlary, sowuk çaýlary, şöhlatlary, çaga iýmitleri, uzak möhlete niýetlenen süýt önümleri, ýerli tebigy önümlerden taýýarlanan pomidor goýaltmasynyň we ketçubyň dürli görnüşleri bar. Süýt önümlerini öndürýän «Sahabatly» hojalyk jemgyýeti ýaly belli kärhanalar sergi meýdançasynda öz harytlaryny görkezdi. «Şerbet Market», «Halk Market» dükanlary hem diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdylar.

Ulularyň hem-de çagalaryň söýgüli tagamlaryny öndürýän «Erteki» haryt nyşanly doňdurma önümleri sergä gelýänler üçin aýratyn özüne çekiji boldy. «Hasar», «Täze aý», «Mekan», «Kilwan», «Bars», «Altyn şöhle» ýaly hususy kärhanalaryň we hojalyk jemgyýetleriniň diwarlyklarynda süýji-köke önümleri ýerleşdirilipdir. Şeýle-de bu ýerde baýramçylyk bezegindäki çörek we çörek önümleriniň dürli görnüşleri görkezilýär. Diwarlyklarda döwletimiz tarapyndan



Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalaryna bölünip berlen ekerançylyk ýerlerinde hem-de ýyladyşhana hojalyklarynda ösdürilip ýetişdirilen miwe, gök-bakja önümleriniň köp görnüşleri görkezildi.

Umuman, bu sergi ýurdumyzy mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirilen işlerde uly üstünlikleri gazanmaga täze itergi berjek möhüm wakadyr.

## Taryhy çempionat uly üstünliklere beslendi

*Kuraş boýunça 23-28-nji noýabr aralygynda paýtagtymyzda geçirilen 14-nji Dünýä çempionaty üstünlikli tamamlandy. Ähli babatda ýokary netijelere beslenen çempionatda dünýäniň 50 töweregi ýurdundan 250-ä golaý türgen gatnaşdy. Türgenler jemi 15 agram derejesi boýunça özara bäsleşdiler (erkekler 60, 66, 73, 81, 90, 100 we 100 kilogramdan ýokary agram derejelerinde, zenanlar 48, 52, 57, 63, 70, 78, 87 we 87 kilogramdan ýokary agram derejelerinde).*

Olimpiýa şäherjigindäki Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçirilen tutluşyklarda ildeşlerimiz erkekleriň arasynda 7, zenanlaryň arasynda-da 8, jemi 15 medal gazandylar. 5 altyn, 6 kümüş, 4 bürünç medal gazanan türkmenistanly pälwanlar umumy medal sany boýunça beýlekilerden ep-esli öňe saýlandy. Ildeşlerimiz ähli agram derejesinde-de 1 medal gazanmagy başardy.

Altyn medallaryň sany boýunça Özbegistanyň ýygyndysy 7 altyn medal gazanmagy başardy. Özbegistanly pälwanlar kümüşdir bürünç medallaryň hersinden hem birini gazandylar. Gazagystandan gelen pälwanlar çempionaty 1 altyn, 2 kümüş hem-de 3 bürünç medal bilen tamamladylar.

Ýaryşyň ilkinji gününde zenanlaryň arasynda Dinara Rozykulowa 63 kilograma çenli agramda bäsdeşlerinden üstün çykyp, münberiň iň ýokary basgançagynda orun aldy. Ildeşimiz ýarym finalda eýranly Taheren Azerpeýwandyny, finalda-da Hytaý Taýpeýinden Wan-Tin Lini ýeňlişe se-





zewar etdi.

70 kilograma çenli agram derejesinde tutluşan Mariýa Lohowa finalda eýranly Donýa Agaýy ýeňip, altyn medala mynasyp boldy.

Çempionatyň 2-nji gününde zenanlaryň arasynda 78 kilograma çenli agram derejesinde düşekçä çykan Sabina Kadyrowa 1-nji tapgyrda 16 sekuntda meksikaly Andrea Guillenden, çärýek finalda hindistanly Şital Şitaldan, ýarym finalda eýranly Saba Karamaliden, finalda bolsa özbegistanly Filura Ergaşowadan üstün çykmagy başardy.

Erkekleriň arasynda 60 kilograma çenli agramda ýaryşan Wepa Awlýakulyýew hem altyn medala mynasyp boldy. Ol altyn medala barýan ýolda Muhammed Al-Garrawini (Yrak), Anil Anili (Hindistan), Muslimbek Karimowy (Täjigistan) hem-de Ýernur Suleýmeni (Gazagystan) ýeňlişe sezewar etdi.

Erkekleriň arasyndaky 81 kilograma çenli agram derejesinde geçirilen ýaryşda-da altyn medala ildeşimiz mynasyp boldy. Daýanç Omirow bäsdeşlerini ýeňip, münberiň iň ýokary basgançagyna çykmagy başardy. Ol ilki Dominikan Respublikasyndan gelen Tom Belen Santanuwy, soňra koreýaly Çansik Wudany, ýarym finalda eýranly Ramin Ahmadzadeni, finalda-da gazagystanly Bekadil Şaýmerdenowy ýeňmegiň hötdesinden geldi. ■ 2

4




### ÝUNESKO-nyň maslahaty Merkezi Aziýada geçiriler

Samarkant 2025-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň 43-nji sessiýasynyň geçiriljek ýeri hökmünde saýlandy. Çäre 1985-nji ýyldan bäri ilkinji gezek guramanyň ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri bolan Pariž şäheriniň daşynda geçiriler. 1985-nji ýylda konferensiýa Bolgariýanyň paýtagty Sofiýada geçirilipdi.

5

### Iň köp agaç ekýän ýurtlar

Ýer ýüzünde 3 trilliondan gowrak agaç bar. Agaçlar «Ýeriň öýkeni» hasaplanyp, adamzady we janlyjandarlary ýaşamak üçin zerur bolan kislorod bilen üpjün edýär. Agaçlaryň esasy bölegi tokaýlarda jemlenip, bu babatda Amazon tokaýlygy öňdeligi eýeleýär. 390 milliard agaç ösýän Amazon tokaýlygy dünýädäki agaçlaryň 13 göterimini emele getirýär.



7



### Ýene-de 5 klub 1/8 finala çykdy

AFK Çempionlar Ligasynda toparçadaky 5-nji duşuşyklar tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublaryň sany köpeldi. 4-nji oýunlardan soň diňe «Al-Ain» bilen «Phohang Stilers» ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanypdy. Olaryň hataryna ýene 5-si goşulyp, 1/8 finala çykan klublaryň sany 7 boldy.

# TARYHY ÇEMPIONAT ULY ÜSTÜNLIKLERE BESLENDI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Kümüş medal gazanan türgenlerimiz finala çenli ýokary derejede çykyş görkezdiler. Zenanlardan Aýşirin Haýdarowa (48 kilograma çenli), Aýnur Amanowa (52 kilograma çenli), Jahan Muhammedowa (87 kilograma çenli), Sabina Agajanowa (87 kilogramdan ýokary), erkeklerden Şatlyk Jumanyýazow (73 kilograma çenli) bilen Sanjar Abdyrahmanow (90 kilograma çenli) hormat münberiniň 2-nji basgançagynda orun aldylar.

Gülşat Annaýewa (57 kilograma çenli), Döwlet Hemrakulyýew (66 kilograma çenli), Ruslan Esgerow (100 kilograma çenli) hem-de Sapa Sapaýew (100 kilogramdan ýokary) dagy bürünç medal gazanan türgenlerimiz boldular.

| ZENANLAR | ALTYN | KÜMÜŞ | BÜRÜNÇ |
|---|---|---|---|
| 48 kg | Ulbusin Hakimowa (Özbegistan) | Aýşirin Haýdarowa (Türkmenistan) | Sawira Dia Fitri Rizkianti (Indoneziýa), Begumnaz Dogruýol (Türkiýe), |
| 52 kg | Hilola Ortikboýewa (Özbegistan) | Aýnur Amanowa (Türkmenistan) | Nada Aşraf (Müsür), Ýu-Suan Çuan (Hytaý Taýpeýi), |
| 57 kg | Nguen Thi Biç Ngok (Wýetnam) | Pardis Eýdiwandi (Eýran) | Gülşat Annaýewa (Türkmenistan), Rauza Nurmahammetowa (Gazagystan), |
| 63 kg | Dinara Rozykulowa (Türkmenistan) | Wan Tin Lin (Hytaý Taýpeýi) | Tahera Azarpeýwand (Eýran), Wladlena Gusewa (HKA), |
| 70 kg | Mariýa Lohowa (Türkmenistan) | Donýa Agaý (Eýran) | Azhar Salykowa (Gazagystan), Li Hýun Tuon Wi (Wýetnam), |
| 78 kg | Sabina Kadyrowa (Türkmenistan) | Filura Ergaşowa (Özbegistan) | Saba Karamali (Eýran), Çia-Lin Liuwa (Hytaý Taýpeýi), |
| 87 kg | Pokizahon Kamoldinowa (Özbegistan) | Jahan Muhammedowa (Türkmenistan) | Moldir Nurlanbek (Gazagystan), Pargati (Hindistan), |
| 87+ kg | Audreý Arelis Puello Peres (Dominikan Respublikasy) | Sabina Agajanowa (Türkmenistan) | Samriti (Hindistan), Fateme Barmaki Kordkolai (Eýran) |

| ERKEKLER | ALTYN | KÜMÜŞ | BÜRÜNÇ |
|---|---|---|---|
| 60 kg | Wepa Awlýakulyýew (Türkmenistan) | Ýernur Suleýmeni (Gazagystan) | Muslimbek Karimow (Täjigistan), Said Talebi Nia (Eýran), |
| 66 kg | Çori Zoirow (Özbegistan) | Majid Wahid Barimanlu (Eýran) | Döwlet Hemrakulyýew (Türkmenistan), Hairandeşi Murodzoda (Täjigistan), |
| 73 kg | Abdilkair Maulenin (Gazagystan) | Şatlyk Jumanyýazow (Türkmenistan) | Niko Tçikaidze (Gruziýa), Jaedeog Kwon (Koreýa Respublikasy), |
| 81 kg | Daýanç Omirow (Türkmenistan) | Bekadil Şaýmerdenow (Gazagystan) | Ramin Ahmadzade (Eýran), Umid Esanow (Özbegistan), |
| 90 kg | Erkin Kozokow (Özbegistan) | Sanjar Abdyrahmanow (Türkmenistan) | Masud Gawibazu (Eýran), Žamalbek Asylbek Uulu (Gyrgyz Resp.), |
| 100 kg | Jamşid Mamatrahimow (Özbegistan) | Hamed Raşidi (Eýran) | Ruslan Esgerow (Türkmenistan), Firdawsu Nasimow (Täjigistan) |
| 100+ kg | Muhsin Hisomiddinow (Özbegistan) | Abdulfazl Torabi (Eýran) | Sapa Sapaýew (Türkmenistan), Hurşed Majidow (Täjigistan) |

# KURAŞ ÇEMPIONATY HALKARA METBUGATYNDA

Paýtagtymyz Aşgabatda iri sport baýramçylygy tamamlandy. Bu dünýä çempionaty daşary döwletleriň metbugatlarynda hem giň orun aldy.

Russiýanyň TASS habarlar gullugy, Eýranyň «Mehr», «Tasnim», «Tehran Times» ýaly birnäçe habarlar gullugy hem-de internet neşirleri, Wýetnamyň «Viet Nam News» gündelik iňlis dilindäki gazeti, Özbegistanyň «Uza» we «Daryo» habarlar gullugy we birnäçe internet neşirleri, Türkiýe Respublikasynyň TRT teleýaýlymynda, «Anadolu» habarlar gullugynda, şeýle hem köp sanly sport neşirlerinde we beýleki döwletleriň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde Aşgabatda geçirilen Kuraş boýunça Dünýä çempionaty giňden beýan edildi. «Mir 24», «TRT Avaz», CCTV, «Euronews» teleýaýlymlarynda bu ýaryşa bagyşlanan ýörite gepleşikler we wideorolikler ýaýlyma berildi. Şeýle hem bu çempionat barada Aziýa – Ýuwaş umman teleradiogepleşikler birleşiginiň «Asiavision» habarlar toparynyň Halkara habarlar merkeziniň ýaýlyma beriş kompaniýalarynda beýan edildi. Şunuň bilen birlikde, Kuraş boýunça dünýä çempionaty baradaky makalalar Sport metbugatynyň halkara assosiasiýasynyň (AIPS) we Sport metbugatynyň Aziýa birleşiginiň (ASPU) neşirlerinde çap edildi. Türkmenistanda akkreditirlenen daşary ýurtly žurnalistler hem iri sport baýramçylygyny şöhlelendirmekde uly işleri alyp bardylar. Olaryň maglumatlarynda Aşgabatda geçirilen çempionatyň guramaçylygynyň ýokary derejesi beýan edilýär.





Özbegistanyň neşirlerindäki habarlarda dünýä çempionatynyň doganlyk türkmen topragynda geçirilmeginiň simwoliki manysynyň bardygy bellenildi. Şeýle hem bu çempionatyň ýokary guramaçylyk ýagdaýynda geçirilmeginiň ýokary baha mynasyp bolandygy bellenilýär.

Şeýle hem dünýäniň iri metbugat neşirleriniň sahypalarynda kuraş sportunyň köp sanly ýurtlarda yzygiderli ösdürilýändigi, 2003-nji ýylda onuň Aziýa oýunlarynyň düzümine girizilendigi, onuň geljekde Ýewropa oýunlarynyň, Yslam raýdaşlyk oýunlarynyň, şeýle hem Olimpiýa oýunlarynyň sport maksatnamasyna girizilmegi babatda tagalla edilýändigi hem aýdylýar.

Mundan başga-da, Merkezi Aziýada dörän we üç müň ýyllyk taryhy bolan gadymy söweş sungaty bolan kuraş sportunyň geografik çäkleriniň giňäp, dünýä derejesinde ykrar edilendigi bellenilýär.

Dünýä çempionatyny geçirmek örän uly jogapkärçiligi öz üstüňe almak bolup, Türkmenistan dünýäniň ähli künjeginden köp sanly myhmanlary jemleýän iri halkara ýaryşlary kabul edýän ýurt hökmünde çykyş etmek bilen, olary uly üstünliklere besläp geçirýär. Munuň şeýledigini dürli döwletlerden paýtagtymyza gelen türgenler, olaryň tälimçileri, dünýäniň abraýly köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, ýöriteleşdirilen neşirleriň, teleýaýlymlaryň, Halkara kuraş assosiasiýasynyň wekilleri hem tassykladylar.

Çempionatyň bäsleşikleri «TürkmenÄlem 52°E» emeli aragatnaşyk hemrasy arkaly «Türkmenistan Sport», «Ýaşlyk», Täjigistan Respublikasynyň «Warziş», Özbegistan Respublikasynyň «Sport» teleýaýlymlarynda, şeýle hem ählumumy internet torunda göni ýaýlymda görkezildi.

**Mahym GURBANMÄMMEDOWA,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň talyby.*

## «Ýüzýän» çyralaryň festiwaly

Günorta Aziýa ýurdy bolan Tailandda Aý senenamasyna görä ýylyň soňky dolan Aý gijesinde «ýüzýän» çyralaryň festiwaly (Loy Krathong) geçirildi. Baýramçylyk mynasybetli paýtagt Bangkokdaky seýilgählerde we kanalyň kenarlarynda ýörite festiwal meýdançalary guruldy. Bu meýdançalardaky baýramçylyk dabaralaryna müňlerçe ýerli we daşary ýurtly myhman gatnaşdy. Bu baýramçylyga mahsus milli egin-eşikleri geýen tailandlylar derýalara, köllere we deňizlere elde ýasalan «krathong» atly «ýüzýän» çyralaryny goýberdiler.



Suwuň kenarlarynda gurnalan stollar reňkli çyralar, şemler, banan ýapragy, lotos güli ýaly dürli bezegler bilen bezelipdir. «Ýüzýän» çyralar tebigata zyýany bolmadyk kokos gabygy ýaly tebigy zatlardan ýasalypdyr. Bu baýramçylyk tai medeniýetini dünýä tanatmak maksady bilen giňden bellenilýär.

**Mähri GELDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

## Täze görnüşi tapyldy

**Braziliýada irki hek döwründe çöllük ýerde ýaşap geçen dinozawryň täze gömüşi tapyldy. «Farlowichnus rapidus» atly bu jandaryň gaty ylgaýandygy mälim edildi. Geçirilen barlaglara görä, bu jandar Braziliýa bilen Paragwaýyň çäklerinde ýaşap, ululygy 60-90 santimetr bolupdyr. Alymlar ýyrtyjy jandaryň saklanyp galan süňklerinden we aýak yzlaryndan onuň gaty ylgandygynyň anyklanandygyny belleýärler.**



**Biologiýa, geografiýa, geologiýa we gidrologiýa ugurlarynda iş alyp barýan «Geological Survey» agentligi jandaryň aýak yzlarynyň aralygynyň açyklygyndan gadymy döwürlerde çägäniň üstünde örän gaty ylgaýan süýreniji bolandygy hakynda netijä gelip boljakdygyny mälim etdi. Bu barada «Cretaceous Research» atly ylmy žurnalda makala çap edildi.**

**Mährijemal JORMARTOWA,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## 1-nji dekabr – Bütindünýä AIDS-e garşy göreş güni

1-nji dekabr Bütindünýä AIDS-e garşy göreş güni bolup, şu ýyl «Jemgyýetlere liderlik» atly şygar bilen geçirilýär.

Türkmenistanyň «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny hem-de «Adamyň immun ýetmezçiligi wirusy sebäpli döreýän keseliň (AIW ýokuşmasynyň) ýaýramagyna garşy göreşmek hakynda Türkmenistanyň kanunyny durmuşa geçirmek maksady bilen, «AIW ýokanjynyň öňüni alyş çäreleri», «Neşe serişdeleriniň, spirtli içgileriň we beýleki zyýanly endikleriň adamlaryň saglygyna, maşgalasyna, umuman jemgyýete ýetirýän zyýany», «Zenan – dünýäniň durky we görküdir» baradaky temalarda edara-kärhanalaryň işgärleriniň arasynda çäreler geçirilýär.



Ýurdumyzyň edara-kärhanalarynda, bejeriş-öňüni alyş merkezlerinde, harby bölümlerinde, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň, orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylarynyň, ilatyň dürli gatlaklarynyň arasynda üznüksiz wagyz-nesihat çäreleri geçirilýär.

Dürli ýokançlardan, şol sanda AIW ýokanjyndan hem hiç bir adam kesellemez diýlip kepillendirilen däldir. Şonuň üçin hem, onuň geçiş ýollaryny, öňüni alyş çärelerini bilýän we ony berjaý edýän adam AIW ýokanjyndan goranyp biler. AIW ýokanjynyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek üçin ilatyň dürli gatlaklarynyň, şol sanda aýratyn-da ýaşlaryň bu kesel barada aň-bilim derejelerini ýokarlandyrmak, dogry maglumatlary bilmekleri ýokanjyň öňüni almagyň esasy bolup durýar.

AIW ýokanjynyň öňüni almak üçin edepli, tertipli, ruhy-ahlak arassaçylykly, sagdyn durmuş kadalary we düzgünleri berjaý etmeli, neşe serişdelerden şol sanda alkogol içgilerden daşda bolmaly, irki we tötänlikden goragsyz gatnaşyklardan saklanmaly, lukmançylykda, durmuşda ulanylýan enjamlar we gurallar arassa saklanylmaly.

Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetiniň Milli AIDS-iň öňüni alyş merkezi ilatymyzyň saglyk abadançylygyny üpjün etmek maksady bilen ýurdumyzyň çäklerini AIW ýokanjyndan gorap saklamak, Watanymyzyň öňünde durýan mukaddes borjumyzyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Şu jähetden, Türkmenistanyň Bilim, Goranmak, Içeri, Daşary işler, Medeniýet ministrlikleri, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy bilen bilelikde, ilatyň saglyk düşünjesini ýokarlandyrmakda, esasan hem, ýaşlarda sagdyn durmuşy kemala getirmekde bilelikde iş alyp barylýar.

AIDS keseline garşy göreş güni Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji bütindünýä saglyk günüdir. Ol ilkinji gezek 1988-nji ýylda bellenip geçildi.

Hormatly adamlar, öz saglygyňyza paýhasly çemeleşiň, maşgala lukmanyna wagtynda ýüz tutuň!

**Şamuhammet ÖWEZMYRADOW,**
*Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetiniň Milli AIDS-iň öňüni alyş merkeziniň öňüni alyş bölüminiň lukmany.*

## Bütindünýä durnukly ulag ulgamynyň ähmiýeti

Şu ýylyň 16-njy maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen, 26-njy noýabr «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip yglan edildi. Degişli Kararnama Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda kabul edildi.

Ýatlap geçsek, BMG-niň Baş Assambleýasy 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça ulag ulgamyna degişli Kararnamalary kabul edipdi. Bu möhüm resminamalar Türkmenistanda ulag ulgamy boýunça iri halkara forumlaryň birnäçesiniň geçirilmegi üçin esas boldy.



«Bütindünýä durnukly ulag güni» 2016-njy ýylyň Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahatyň geçirilen senesine gabat gelýär.

Dünýäde ilkinji gezek bellenilen Bütindünýä durnukly ulag güni mynasybetli Aşgabatda «Durnukly ulag: durnukly ösüşe goşant» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi. Ulag ulgamyny we logistikany ösdürmek, durnuklylygy üpjün etmek, ulag infrastrukturasynda tehniki taýdan hyzmat ediş işini gowulandyrmak, bu pudakda halkara goldawy giňeltmek we hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin bilimleri, tejribeleri, innowasion çemeleşmelerdir çözgütleri alyşmak, sanly tehnologiýalary ulanmagyň täze mümkinçiliklerini ýüze çykarmak ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bitarap döwletimiz ulagyň ähli görnüşlerini ulanmak arkaly Ýewraziýa yklymynyň iki bölegini birleşdirmek bilen halkara ulag-üstaşyr we logistika merkezine öwrülýär. Türkmenistanyň alyp barýan syýasaty dünýä bileleşiginiň goldaýandygynyň, halkara guramalaryň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzümleriniň ykrarnamalarynyň mysallary, şeýle hem ýokary wezipeli ýolbaşçylaryň berýän bahasy arkaly göz ýetirmek bolýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasy (ÝYK), BMG-niň Aziýa – Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we ýörite komissiýasy (ESKATO), Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Halkara awtomobil ulaglary bileleşigi (IRU) hem-de Ýewropa – Kawkaz – Aziýa ulag geçelgesi boýunça (TRASEKA) hökümetara komissiýasy we beýleki abraýly guramalar bilen birlikde iri halkara ulag geçelgelerini döretmek ugrunda giň tagallalar edilýär.

Bu babatda, 2023-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda: «Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän üstaşyr ulag we energetika geçelgelerini gurmaga hem işjeň gatnaşýarys. Ýakyn onýyllyklarda Türkmenistan Ýewraziýada ulag we energetika ulgamlarynyň geçýän esasy ýurtlarynyň birine öwrüler» diýip belleýär.

**Merjen DURDYMUHAMMEDOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## «Ekspo 2030» Saud Arabystanynda geçiriler

28-nji noýabrda Fransiýanyň paýtagty Parižde ýerleşýän Halkara sergiler býurosynyň Baş Assambleýasynyň maslahatynda «Ekspo 2030» sergisiniň haýsy ýurtda geçiriljekdigi barada netijä gelindi. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad 2030-njy ýylda iri halkara sergini geçirmäge hukuk gazandy.



Ýygnakda Saud Arabystanynyň, Italiýanyň we Koreýa Respublikasynyň wekiliýetleri Baş Assambleýada öz ýurtlarynyň dalaşgärligi barada tekliplerini hödürlediler. Netijede, Saud Arabystany 180 agza döwletiň elektron usulda ses bermegi bilen bu çäräni geçirmäge hukuk gazandy.

Ses berlişigiň öň ýanyndaky çykyşlar edaranyň jemgyýetçilik mediýa akkauntlary arkaly göni ýaýlymda köpçülige ýaýradyldy.

**Gurbangül ANNAMUHAMMEDOWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Aeroportuň paýnamalary satyldy

**Ispaniýanyň «Ferrovial» kompaniýasy Londonyň Hitrou aeroportundaky 25 göterimlik paýnamasynyň 15 göterimlik bölegini satmak kararyna geldi. Paýnamanyň 5 göterimini Fransiýanyň «Ardian», 10 göterimlik bölegini Saud Arabystanynyň jemgyýetçilik maýa goýum gaznasyna (PIF) satar. Satyşyň umumy bahasynyň 2,4 milliard funt sterlingdigi mälim edildi.**



**Aeroportuň ýolbaşçysy Lýuk Bugeja 17 ýyldan bäri paýdarlary bilen bilelikde Hitrouň täzelenmegine goşant goşýandyklaryny belledi. Bugeja «Ferrovial»-yň howa menziliniň mümkinçiliginiň artdyrylmagy üçin jemi 12 milliard funt sterling maýa goýum özleşdirilendigini belledi.**

**Aeroportuň ýolagçylarynyň sany şu ýylyň 9 aýynda geçen ýylyň degişli döwründäkiden 34,4 göterim artyp, 59,4 milliona ýetipdir.**

**Söhbet AÝDYÝEW,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***



## Iki esse artar

**«S&P Global» korporasiýasynyň taýýarlan maglumatynda Hindistanyň ykdysadyýetiniň 2030-njy ýylda 7,3 trillion dollara ýetjekdigi bellenilýär. Şeýlelikde, jemi içerki önümi geçen ýyl 3,5 trillion dollar bolan ýurduň ykdysadyýeti sanlyja ýyldan iki esse artar. Netijede, Ýaponiýadan we Germaniýadan öňe geçer. Golaýda Dubaýda geçirilen Hindistan global forumynda ýurduň maliýe ministri Nirmala Sitharaman çykyş edip, halkara bazar gatnaşyklaryndan peýdalanmagynyň ähmiýetini belläp geçdi.**

**«S&P Global»-yň reýting bölümi bolsa, geljek ýyl Hindistanyň ykdysadyýetiniň 6,4 göterim boljakdygynyň çaklanylýandygyny mälim etdi. Soňky ýyllarda ýurt global kompaniýalaryň önümçilik desgalaryny gurmaklaryna goldaw berýär. «Apple» bu ýurtda açan zawodyny has hem giňeltmegi meýilleşdirýän bolsa, «Tesla» bu ýurtda zawod gurmak üçin tagalla edýär.**

**Soltanguly NURMYRADOW,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## «Ýaşyl» ýangyçly ilkinji transatlantik uçuş

Angliýadan ABŞ-a ilkinji gezek 100 göterim «ýaşyl» ýangyçly uçar syýahaty amala aşyrylar. «Virgin Atlantic» kompaniýasynyň «Boeing 787» uçary bilen amala aşyryljak uçuş London-Nýu-Ýork aralygynda ýerine ýetiriler. Bu başlangyç awiasiýa pudagynyň howa zeper ýetirmezden dowam etdirilip bilinjekdigini görkezmegi maksat edinýär. Bu uçuşda iýmit galyndylaryndan, öý-hojalyk zibillerinden we iýmit ýagynyň galyndylaryndan öndürilen biologik ýangyçdan peýdalanylar. Synag uçuşy üçin degişli barlaglar geçirilenden soňra Birleşen Patyşalygyň raýat awiasiýa edarasyndan rugsat alnypdyr. Bu başlangyja uçar motorlaryny öndüriji «Rolls-Royce» bilen BP energiýa kompaniýasy we beýleki birnäçe kompaniýa goldaw berýär.

Bilermenler uçaryň biologik ýangyç ulananda, kömürturşy gazyny çykarýandygyny, emma onuň adatdakydan örän azdygyny belleýärler.

**Arslan GYLYJOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*






## Kosmos internetinden peýdalanar

**Häzirki wagtda dünýäniň köp ýerinde «SpaceX» kompaniýasynyň «Starlink» atly taslamasynyň çäklerinde kosmosdan gönüden-göni internet hödürlenýär. Şeýle hem «OneWeb» atly taslama durmuşa geçirilýär. Indi bolsa, Hytaýyň «Huawei» kompaniýasy hem kosmosdan interneti synagdan geçirdi. Üstesine hytaý kompaniýasynyň internetiniň tizligi has ýokary. Geçirilen synagda 660 Mb/sekuntlyk göçürip almak tizligi hasaba alyndy. Bu görkeziji ýörite antenna arkaly kabul edilýän «Starlink» internetinden iň ýokary 600 Mb/sekunda ýetýär.**

**Ulanyjylaryna kosmosdan interneti hödürlemegi maksat edinýän «Huawei» eýýäm şeýle smartfonlary hem öndürip başlady. Mundan ozal kompaniýa «Huawei Mate 60 Pro» smartfony arkaly kosmos internetinden peýdalanmaga mümkinçilik döredipdi.**

**Döwlet MÖWLAMOW,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.***

## Sanly puly synagdan geçirer

Koreýa Respublikasynyň Merkezi banky geljek ýylyň ahyrynda sanly pul birligini (CBDC) synagdan geçirip başlar. Ilkibaşda 100 müň meýletinçi bu pul birligini ulanyp görer. Gatnaşyjylaryň üç aýyň dowamynda töleg işlerini sanly pul arkaly ýerine ýetirmeklerine mümkinçilik döredildi. Synag degişli guramalar bilen maslahat edilenden hem-de kanun taýdan düýpli öwrenilenden soňra ýola goýlar. Merkezi bank bu synagyň çäginde satylan harydy ýa-da hyzmatyň howany nä derejede hapalandygy barada hem maglumat toplamagy meýilleşdirýär. Şeýlelikde, ykdysady we daşky gurşaw bilen bagly başlangyçlara goldaw bermäge hem mümkinçilik döredildi.

Ýurduň iň uly adasy bolan Çeju bu synagyň geçiriljek ýeri hökmünde saýlandy. 670 müň töweregi ilaty bolan ada bilen bir hatarda ýurduň senagat taýdan ösen Busan hem-de Inçhon şäherlerinde hem synag geçirilmegi meýilleşdirilýär.

Bilermenler sanly pul birligini milli maliýe ulgamyna girizmeginiň bu ugurdaky esasy ädim boljakdygyny belleýärler.

**Mergen BATYROW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*



ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 1-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112912
Belgisi: 48/1562
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# BAKY BITARAPLYK BUÝSANJYMYZ



Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 28 ýyllygyny hem-de Halkara Bitaraplyk gününi giňden dabaralandyrmak maksady bilen, häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli ýerlerinde baýramçylyk çärelerine uly orun berilýär.

Gahryman Arkadagymyz hem-de hormatly Prezidentimiz dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak, asudalygy berkitmek, hemmetaraplaýyn ösüşi üpjün etmek, işjeň hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna täzeçil itergi bermek babatda giň tagallalary edýärler. Şeýle beýik tutumlar baky Bitaraplyk ýörelgämiziň esasynda işjeň durmuşa geçirilýän daşary syýasatymyzyň ýokary netijeliligini görkezýär. Onuň aýdyň mysaly hökmünde häzirki wagtda sebit hem-de dünýä döwletleri bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklara netijeli häsiýetli hyzmatdaşlyk hökmünde aýratyn ähmiýet berilýändigini, ýokary derejedäki duşuşyklaryň, forumlaryň, maslahatlaryň, sergileriň geçirilmegi bilen, häzirki zaman dünýäsinde öňe sürülýän aýratyn ugurlar babatda işjeň gatnaşyklaryň barha pugtalandyrylýandygyny uly buýsanç bilen bellemek bolar.

Bedew bady bilen öňe barýan döwletimiziň hemişelik Bitaraplygyna 28 ýyl dolýar. Bu döwrüň içinde parahatçylyk söýüjilik syýasatyny amala aşyryp, Türkmenistan ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn syýasy geňeşmeleriň, gepleşikleriň geçirilýän, üstaşyr ulag geçelgeleriniň ygtybarly hereket edýän ýerine öwrüldi. Bu babatda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň we goňşuçylyk hem-de ynsanperwerlik ýörelgeleriniň ähmiýeti uludyr. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda türkmen Bitaraplygy sebitleýin durnuklylygyň, parahatçylygyň we ösüşiň möhüm faktory bolup çykyş edýändiginiň we ähli ýurtlaryň hem-de halklaryň bähbitlerine laýyk gelýändiginiň aýdyň subutnamasyna öwrüldi.

Türkmenistan diňe bir sebitde hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barmak bilen çäklenmän, ähli gyzyklanma bildirýän döwletler bilen şeýle syýasaty durmuşa geçirýär hem-de diňe bähbitleriň gabat gelmegini gözlemän, öz hyzmatdaşlaryny ählumumy abadançylygyň bähbidine bilelikde netijeli işlemäge gönükdirilen pikirdeşlerine öwürýär. Munuň özi ýurdumyzyň häzirki wagtdaky we geljekde alyp barjak halkara işiniň üstünliklere beslenmeginiň kepili bolup durýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolan ata Watanymyzyň Ýer ýüzündäki abraý-derejesi, şan-şöhraty barha artýar. 2015-nji ýylyň iýun aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde 193 döwlet tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» rezolýusiýasynyň gaýtadan biragyzdan kabul edilmegi hem muny tassyklaýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda bolup geçen 71-nji mejlisinde bolsa her ýylyň 12-nji dekabryny Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakyndaky rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Şeýle mazmunly rezolýusiýanyň biragyzdan kabul edilmegi Türkmenistan döwletimiziň dünýä arenasyndaky abraýynyň örän ýokarydygyny ýene-de bir gezek subut etdi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň möhüm wezipesi we aýrylmaz bölegi öňüni alyş diplomatiýasydyr. Ony gözel paýtagtymyzda 2007-nji ýylda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy doly tassyklaýar.

Ýurdumyzda dünýä halklarynyň arasyndaky dostana gatnaşyklaryň, birek-birege ýakyndan ýardam bermek meýilleriniň amala aşmagyna gönükdirilen wezipeler durmuşa geçirilýär. Munuň şeýledigi ýakynda geçen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň mysalynda aýdyň göründi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz BMG-niň belent münberinde çykyş edip, ählumumy abadançylygy, halkara hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge gönükdirilen oňyn başlangyçlary beýan etdi.

**Göwher DAŇATAROWA,**
*Gökdepe etrabyndaky 26-njy orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.*

# Ekologiýa ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürilýär

**Ýurdumyzda daşky gurşawy, bioköpdürlüligi goramak hem-de artdyrmak, tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Bu ugurda «Howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýanyň» rejelenen görnüşi, şeýle hem Milli tokaý maksatnamasy we olary ýerine ýetirmek boýunça çäreleriň meýilnamalary kabul edildi. Ýurdumyzda tebigaty goramagyň kanunçylyk-hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär, şol sanda halk hojalyk pudaklary tarapyndan ekologiýa howpsuzlygynyň we ekologiýa gözegçiliginiň talaplary, suwy rejeli ulanmak, aýratyn goralýan tebigy ýerleri aýawly saklamak boýunça ekologiýa talaplary gyşarnyksyz ýerine ýetirilýär.**

**Şu günler ýurdumyzyň BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatyna (COP-28) gatnaşmaga taýýarlyk görýär. Bu maslahatda howanyň üýtgemegine garşy göreşmekde esasy ädimleriň biri hökmünde Ählumumy metan borçnamasyna goşulmak meselesine garalar.**



**Türkmenistanyň bu ugurdaky işi barada aýdylanda, howanyň ählumumy üýtgemeginiň öňüni almaga gönükdirilen Pariž ylalaşygyny işjeň goldady we 2016-njy ýylyň oktýabr aýynda ony tassyklady. 2019-njy ýylda howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy kabul edildi. 2020-nji ýylda ýurdumyz BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan yglan edilen «Şäherlerdäki baglar» atly halkara maksatnama goşuldy. Türkmenistanyň bu borçnama goşulmagy babatda degişli işler geçirildi. Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň, «Türkmengaz» we «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň wekilleri ÝHHG tarapyndan guralan metan zyňyndylaryna gözegçilik etmek, bu ugurda barlaglary geçirmek we onuň derejesini azaltmak boýunça okuw maslahatyna gatnaşdylar.**

**Türkmenistan tebigy gazy toplumlaýyn gaýtadan işlemäge ähmiýet berip, energiýa serişdelerini iri eksport ediji ýurt hökmünde dünýäniň energetika bazarynda eýeleýän ornuny has berkidip, eksportyň harytlar düzümini diwersifikasiýalaşdyrmagyň, halkara energiýa işewürliginiň täze görnüşlerini işjeň ösdürmegiň hasabyna bu işe gatnaşmagynyň häsiýetini hil taýdan özgertdi.**

**Daşky gurşawy goramak boýunça ýurdumyzyň halkara borçnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek, şol sanda ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek, şeýle hem dünýäniň ösen döwletleri, abraýly halkara guramalar we iri kompaniýalar bilen giň hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiz Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulmak meselesini öwrenmäge gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň 2023-2024-nji ýyllar üçin «Ýol kartasy» we ony amala aşyrmak boýunça çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy.**

**Döwran NURÝAGDYÝEW,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***

# TÜRKMEN TOPRAGY – BEREKEDIŇ ÇEŞMESI

Ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda döwrebap özgertmeleri geçirmek we bu pudagy toplumlaýyn ösdürmek, girdejili pudaga öwürmek, öndürilýän önümleriň ekologiýa taýdan ýokary hililigini we mukdaryny artdyrmak arkaly ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek, şeýle hem oba zähmetkeşleriniň durmuş, zähmet şertlerini yzygiderli gowulandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar.

Oba hojalygynda önümçilik serişdelerini aýawly peýdalanmak, agrosenagat toplumyny sebitleýin ýöriteleşdirmek, bazar gatnaşyklaryny giňden ornaşdyrmak ýaly möhüm meseleler hormatly Prezidentimiziň agrar syýasatynyň özenini emele getirýär. Şeýle işler we üstünlikler oba hojalyk pudagynyň özgerdilmeginde täze döwrüň başlanandygyny, şu ugurda döwletimiziň hemmetaraplaýyn goldawy kepillendirýändigini, şol goldawyň agrosenagat toplumynyň ähli infrastruktura ulgamyny gaýtadan enjamlaşdyrmakdan we döwrebaplaşdyrmakdan ybarat bolup durýandygyny görkezýär.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk pudagynda zähmet çekýän ekerançylaryň netijeli işlemekleri üçin ähli şertleri döredip berýär. Ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Zähmetsöýer, ene ýeri jany-teni bilen söýýän, topraga aýawly garaýan, alada-yhlasyny siňdirýän daýhanlarymyzyň maňlaý derinden her bir däne müňläp hasyl berýär. Daýhanlar



ýokary hilli tohum, dökün, suw we beýleki serişdeler bilen doly üpjün edilýär. Olaryň zähmetine mynasyp baha berilýär. Kuwwatly agrosenagat tehnikalaryny satyn almak, oba hojalyk önümlerini öndürmek boýunça çykdajylary maliýeleşdirmek üçin berilýän ýeňillikli karzlar bugdaýyň, pagtanyň nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy, hasaplaşmalaryň täze ulgamlarynyň ornaşdyrylmagy, öz wagtynda hasaplaşyklaryň geçirilmegi, şeýle hem bugdaýdan, pagtadan öndürilen önümleriň degişli möçberiniň daýhanlara berilmegi olaryň işe bolan höwesini has-da artdyrýar.

Häzirki taryhy döwrümizde obasenagat toplumynda durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeleriň çäginde täzeçil usullary hem-de in-



nowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň oňyn täsire eýedigini bellemek ýakymlydyr. Bu ugurda, ilkinji nobatda, oba hojalygynda mehanizmleşdirilen işleriň sanly tehnologiýalar we telematik ulgam arkaly alnyp barylýandygydyr.

Paýtagtymyzda geçirilen «Agro-Pak Türkmenistan – 2023» atly halkara sergisinde hem tehnologik enjamlary, gaplama serişdelerini, bagçylyk, guşçulyk, maldarçylyk, tohumçylyk we beýleki ugurlarda ylmyň gazananlaryny we häzirki zaman tehnologiýalaryny görkezýärler. Halkara sergä dünýäniň onlarça ýurdundan azyk we oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaplamak, saklamak, gaýtadan işlemek bilen meşgullanýan kompaniýalar gatnaşdylar.

Oba hojalyk işgärleriniň, edermen daýhanlarymyzyň baş maksady rysgal-bereket eçilýän sahawatly türkmen topragynyň hümmetine belent sarpa goýup, ony aýawly saklap, ýerden bol hasyl öndürmekden, öz halal, päk zähmeti bilen üstünlik gazanyp, bolelin durmuşda ýaşamakdan ybarat bolup durýar. Çünki oba hojalyk pudagy Watanyň ykdysady kuwwatynyň ugurlarynyň biridir. Türkmen topragynda öndürilýän bol hasyl – pagta, bugdaý, dürli ir-iýmişler behişdi nygmatlardyr.

**Ahmetnur NURMUHAMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly adyndaky ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy.*



# Akyl-paýhas ummany

**Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan şygyrlary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Nusgawy şahyryň watançylygy, ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän goşgulary bütin adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyk bolup, dünýä edebiýatynyň altyn gaznasynda mynasyp orna eýedir.**

**Häzirki wagtda beýik şahyryň şygyrlary has belent ýaňlanýar. Şahyryň ynsanperwer pikir-garaýyşlary asyrlar geçdigisaýy öz gymmatyny artdyryp, köňüllere ýagşylyk nuruny çaýýar. Bu günki gün dünýäniň esasy dillerine terjime edilen we giň köpçülige elýeterli bolan Magtymguly Pyragynyň dürdänelerini bütin dünýä okaýar.**

**21-nji noýabrda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Baş konferensiýasynyň 42-nji mejlisiniň çäklerinde kabul edilen kararnama laýyklykda, Türkmenistan tarapyndan teklip edilen Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiriljek şanly seneleriň sanawyna goşuldy.**

**Bu waka dünýä edebiýatynda we halkara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek nukdaýnazaryndan türkmen nusgawy şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň eýeleýän möhüm ornunyň hem-de ähmiýetiniň halkara derejesinde ykrar edilýändiginiň ýene-de bir aýdyň subutnamasy bolup durýar. Şu günler dürli ýurtlarda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlanan duşuşyklary, şahyryň dürli dillerdäki goşgular ýygyndysynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirilýär. Mundan başga-da, akyldar şahyrymyzyň döredijiligine bagyşlanan filmler görkezilýär.**

**Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň many-mazmuny, umumadamzat gymmatlygy barada, şol sanda şahyryň döredijiligini öwrenmekde alymlar tarapyndan birnäçe işleriň alnyp barylýandygyny buýsanç bilen belläp bileris.**

**Nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligi ynsan kalbyny ruhlandyrýar. Şonuň üçin hem şahyryň goşgulary dünýäniň dürli künjeklerinde okyjylar tarapyndan uly höwes bilen okalýar. Magtymgulynyň goşgularyny edebiýatçylar, dilçiler, dünýä alymlary ylmy esasda öwrenýärler. Magtymgulynyň döredijiligi ýaşlary terbiýelemekde, olara milli gymmatlyklary wagyz etmekde uly mekdepdir.**

**Toýly HUDAÝKULOW,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***

# Ylymly ýaşlar – Watanymyzyň altyn geljegi

Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhy eýýamynda peder ýoluny mynasyp dowam edip, ýurdumyzy ösüşiň täze belentliklerine alyp barýar, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da rowaçlandyrmak üçin taýsyz tagallalary edýär. «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen çuň many-mazmuna ýugrulan şygaryny ýörelge edip durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň döwletli işleri ýurdumyza uly üstünlikler, halkymyza egsilmez şan-şöhrat getirýär. Durmuşa geçirýän köpugurly özgertmeleri türkmen ykdysadyýetiniň beýleki ugurlary bilen bir hatarda, milli bilim ulgamyny halkara derejesine çykarýar.

Häzirki wagtda bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady barha berkidilýär, okatmagyň iň häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan kaşaň bilim ojaklaryny gurup, halkyň hyzmatyna bermek işleri üstünlikli dowam etdirilýär. Häzirki ösen döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ýokary we orta hünär okuw mekdepleri döredilýär, olarda ylmy-innowasion ösüşi üpjün etmäge niýetlenen täze hünärler yzygiderli açylýar we kabul edilýän talyplaryň sany ýylyň ýylyna yzygiderli artdyrylýar. Häzirki wagtda ýurdumyz bilimi ösdürmegiň has belent tapgyryna gadam basdy we «Türkmenistanda sanly bilimi ösdürmegiň Konsepsiýasy» pudagyň ähli ugurlarynda giňden ýaýbaňlandyryldy. Bilim ulgamynyň ähli düzümlerinde okatmagyň we işleri alyp barmagyň sanly serişdelerini ornaşdyrmak ýola goýuldy.



Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli Türkmen oba hojalyk institutynda Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda kompýuter we inženerçilik grafikasy boýunça II Halkara internet-olimpiadasy, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Ekologiýa boýunça halkara II açyk internet olimpiadasy we Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda bolsa Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryny rus dili boýunça Halkara internet olimpiadasy geçiriler.

Bu olimpiadalar ýurdumyzda ylmy ösdürmek, sanly bilim ulgamynyň işini döwrebap ýola goýmak we ony täze sepgitlere ýetirmek üçin ähli şertleri döredýändiginiň beýanydyr.

Häzirki wagtda ýaşlarymyz özleri üçin döredilýän uly mümkinçiliklerden peýdalanyp dünýäniň iň bir ösen ýurtlarynda bilim alýarlar. Watanymyzda okap ýören ýaşlarymyz hem daşary ýurtlara gidip okuw tejribeligini geçirýärler. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň «Biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş öňe gitmelidiris» diýip aýdýan sözleriniň hakykat ýüzünde amala aşýandygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutymyz hem ýöriteleşdirilen bilimleri giňeltmek we çuňlaşdyrmak, hünär başarnygyny ösdürmek we kemala getirmek we ýaş hünärmenleriň taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen dürli gurluşyk meýdançalarynda we senagat edaralarynda talyplar üçin ýörite okuw tejribesini ýygy-ýygydan geçirip durýar.

Biz hem geljekde türkmen ýaşlarynyň dünýä derejesinde has kämil, tutanýerli, zähmetsöýer, öz kärine wepaly, watansöýüji, beden taýdan sagdyn ýaşlar edip ýetişdirmekde tutanýerli zähmet çekeris. Ýaşlar hakynda uly tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ähli tutumly başlangyçlarynyň hemişe rowaç almagyny, janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny tüýs ýüregimizden arzuw edýäris.

**Ogulnabat ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# DIL ÖWRENMEK DÜNÝÄGARAÝŞY GIŇELDÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda üstünlikli alnyp barylýan Türkmenistanyň daşary syýasaty günsaýyn badalga almak bilen, halkara gatnaşyklary ulgamynda täze sepgitlere ýetilýär. Türkmenistan dünýäniň beýleki döwletleri bilen hoşniýetli, dostlukly, deňhukukly gatnaşyklary alyp barýar. Biziň ýurdumyz giň gerimli halkara hyzmatdaşlygyny durmuşa geçirmek we parahatçylyk söýüjilik hem-de naýbaşy ynsanperwerlik gymmatlyklaryň ileri tutulmagy ýaly belent maksatlara eýerýär. Döwletimizde ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlara uly ynam bildirilýär, olaryň dünýä ülňülerine laýyk gelýän ylymly-bilimli ýaşlar bolup ýetişmegi üçin uly tagallalar edilýär.

Türkmenistanda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, giň gözýetimli innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda bilim ulgamynda dünýäniň oňyn tejribesi işjeň öwrenilýär, daşary ýurtlaryň bilim we ylym merkezleri bilen gatnaşyklar yzygiderli giňeldilýär. Ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde ene dilimizden başga-da, birnäçe daşary ýurt dilleriniň öwredilmegi munuň aýdyň mysaly bolup durýar.



Dil öwrenmegiň gymmaty häzirki zamanda öňde goýlan maksada ýetmegiň ädimidir. Ykdysady, ylmy-tehniki we ruhy taýdan gatnaşyklaryň şertinde iňlis, rus, nemes, fransuz, arap dilleri milletara aragatnaşyk dili hökmünde jemgyýetçilik durmuşyna girdi. Milli ösüşiň we özara baýlaşmagyň möhüm alamaty bolmak bilen, bu diller ylmyň, tehnikanyň, dünýä medeniýetiniň gazananlaryny özleşdirmekde uly ähmiýete eýedir.

Dil öwrenmek täze bir dünýäni öwrenmek hasaplanýar. Islendik dilde şol halkyň ruhy dünýäsi, medeniýeti aýdyň şöhlelenýär. Munuň özi dünýä dillerini öwrenmek bilen dünýäniň halklary bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge giň mümkinçilik döredýändigini görkezýär. Şeýlelikde, dil öwrenmek ýaşlaryň dünýägaraýşyny has-da giňeldýär, has-da kämilleşmeklerine ýardam edýär.

Dil öwrenmekde kitap okamagyň ähmiýeti uludyr. Ene dilimizde we beýleki dillerde çap edilen bu kitaplar söz baýlygymyzy artdyrmaga ýardam edýär. Dil öwrenmek yzygiderli, dowamly bolmaly, ýagny özleşdiren diliňde sözlemek endiklerini ösdürmeli, kitaplary yzygiderli okamaly, beýlekiler bilen gepleşip durmaly. Bu hem öwrenilen dili kämil bilmegiň esasy ugry bolup durýar.

Rus dili GDA döwletleriniň arasynda diňe bir medeni aragatnaşyk dili bolman, eýsem işewürlik dili hem bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin hem bu dil ykdysatçylara, telekeçilere we talyplara öwrenmek gyzyklydyr we wajypdyr.

Ýurdumyzyň ýokary we orta mekdeplerinde rus diliniň we edebiýatynyň hepdelikleri geçirilýär. Ol ýaşlary rus dilini öwrenmäge çekmek, rus medeniýeti, edebiýaty we ylmy bilen tanyşdyrmaga giň mümkinçilikler döredýär. Beýik rus şahyry A.S. Puşkiniň doglan güni bolan 6-njy iýunda köp dilliligi we medeni köpdürlüligi goldamak hem-de ösdürmek maksatnamasynyň çäklerinde BMG-de rus diliniň güni bellenilýär.

Ýurdumyzda beýleki daşary ýurt dilleri bilen bir hatarda rus dilini öwrenmäge-de uly üns berilýär. Beýik rus şahyry A.S.Puşkiniň döredijiligine uly sarpa goýulýar. Aşgabatda A.S.Puşkin adyndaky türkmen-rus umumy bilim berýän mekdep, döwlet rus drama teatry bar. Aşgabatda şahyryň adyny göterýän köçede 1911-nji ýylda Puşkiniň ýadygärligi oturdyldy. Rus dili türkmen mekdepleriniň ählisinde hökmany okadylýan dildir.

2023-nji ýyly GDA-da Milletara gepleşik dili hökmünde Rus diliniň ýyly diýip yglan etmek baradaky çözgüt kabul edildi. Ýurdumyzda rus dilinde gazetler we žurnallar neşir edilýär. Ýerli teleradioýaýlymlarda rus dilinde gepleşikler berilýär.

**Bekdurdy AŞYROW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde

**Täze ýyl arçasy getirildi.** ABŞ-nyň birinji zenany Jill Baýden Ak Tamda baş arça bilen tanyşdy. Boýy 5,5 metr töweregi bolan bu arça Amerikanyň Prezidentiniň Waşingtondaky rezidensiýasynda goýuldy. Arça Demirgazyk Karolina ştatyndaky tokaýdan getirildi. Agaç Ak Tamyň Mawy otagynda dikildi.



**Bäsleşigiň ýeňijileri mälim edildi.** Demirgazyk Amerikanyň Tebigatyň fotosuratlary assosiasiýasy (NANPA) 2024-nji ýylyň «Showcase» bäsleşiginiň ýeňijilerini mälim etdi. Bäsleşikde, 6 kategoriýada 24 surat ýeňiji boldy. 1994-nji ýylda döredilen bu guramanyň, takmynan, 2 müň 500 agzasy bar.



**Iň gadymy alma agajy gülledi.** Hytaýda iň gadymy alma agajy gülledi. 139 ýaşly bu agaç henizem miwe berýär. Şeýle-de, bu iň uly alma agajydyr. Agajyň uzynlygy 12 metre, esasy baldagy alty metre golaýdyr. Ýhlas bilen seredilýän bu alma agajynyň hasyly ýylda 800 kilograma ýetýär.



**Mosartyň öýi satuwa çykarylýar.** Nusgawy kompozitor Wolfgang Amadeý Mosartyň (1756-1791) soňky ýaşan öýi «Sotheby's» öýünde satuwa çykarylýar. Gürrüň bu ýerde Awstriýanyň Zemmering şäheriniň etegindäki Stuppah taryhy gala barada barýar. 1130-njy ýylda gurlan bu dört gatly binanyň içinde 50 otag bar.



**Ýşyklar bilen bezediler.** Parižiň esasy şaýolunuň ugrundaky Ýeliseý meýdany Täze ýyl baýramçylyk yşyklaryna bezelendi. Bu ýerdäki 400-e golaý agaç altyn öwüşginli yşyklara bürendi. Syýahatçylardyr ýerli ýaşaýjylar olary synlamaga gelýärler. Roždestwoda we Täze ýylda olar bütin gije öwşün atar.



**80 wulkan atylmasy hasaba alyndy.** Her ýylda dünýäde 80-den gowrak wulkanyň atylmasy hasaba alynýar. Wulkanlaryň käbiriniň atylmasy garaşylmadyk ýagdaýda bolup geçýär. Häzirki wagtda dünýäde 800 töweregi işjeň wulkan bar. Bu ýyl Meksikadaky, Russiýadaky, Italiýadaky wulkanlarda üýtgeşmeler hasaba alyndy.



**Wizasyz düzgüni synamakçy.** Hytaý bir ýyllap Fransiýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Niderlandlaryň, Ispaniýanyň we Malaýziýanyň raýatlary üçin wizasyz düzgüniň girizilendigini habar berdi. Şu ýylyň 1-nji dekabryndan 2024-nji ýylyň 30-njy noýabr aralygynda bu ýurtlaryň raýatlary 15 güne çenli wizasyz Hytaýa syýahat edip bilerler.



**Mohenjo-Daroda uly hazyna tapyldy.** Pakistandaky Mohenjo-Daroda geçirilýän gazuw-agtaryş işleri wagtynda mis şaýy pullardan doly küýze tapyldy. Bu taryhy ýadygärligiň çäklerinde soňky 93 ýylda tapylan iň uly hazynadyr. Ind jülgesindäki Mohenjo-Daro şäheri miladydan öňki 2600-1900-nji ýyllarda gülläp ösüpdir.



**Soňky tapgyra gadam basdy.** Hindistanyň «Aditya-L1» kosmos stansiýasynyň uçuşy ahyrky tapgyra gadam basdy. Maglumatlara görä, enjam 2024-nji ýylyň 7-nji ýanwaryna çenli «Lagranž L1» nokadyna ýetip, şol ýerden Güne gözegçilik eder. Bu barada hindi kosmos gullugynyň başlygy Şridhara Paniker Somnath mälim etdi.



**2023-nji ýylyň sözi.** «Authentic» sözi türkmen dilinde «hakyky» diýen manyny berýär. Merriam-Webster neşirýatynyň maglumatlaryna görä, geçip barýan ýylda emeli añyň ösmegi bilen bu sözüň ulanylyşy ep-esli artypdyr. Geçen ýyl «gaz yşyklandyryjy», 2021-nji ýyl «sanjym», 2020-nji ýyl «pandemiýa» ýaly sözler ýylyň sözi bolupdy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**ABŞ-da Garaşsyzlyk üçin göreşlerden (1775–1783) soň, Täze Angliýa bilen Jorjiýa şäherçeleriniň arasynda paýtagt şäheri gurmak kararyna gelindi. Täze paýtagt ABŞ-nyň ilkinji prezidentiniň hormatyna Waşington diýlip atlandyryldy. Kongres we esasy hökümet edaralary Filadelfiýadan Waşingtona geçirilenden soň, şäher 1800-nji ýylyň 1-nji dekabrynda paýtagt derejesine eýe boldy.**



# Ekwadoryň iň ýaş Prezidenti

**Ekwadoryň täze Prezidenti Daniel Noboa ýurduň milli parlamentinde kasam kabul edip, gysga möhletde ýurdy ösdürmäge, garyplygy azaltmaga we jenaýatçylyga garşy göreşmäge tagalla etjekdigine söz berdi.**

**– Men ekwadorlylaryň durmuşyny gowulandyrmak üçin duýgudaşlyk bilen tagalla edýän erkin we pragmatik adam – diýip, D.Noboa Ekwadoryň Milli mejlisine ýygnanan halkara wekilleriniň öňünde aýtdy.**

**Kasam kabul edişlikden soňky gysga çykyşynda D.Noboa ýurduň bähbidi üçin prezidentlige dalaş etmek kararyna gelendigini aýtdy. Prezident halky milli jebislige, syýasy ýolbaşçylary bolsa, Ekwadoryň esasy meselelerini çözmäge çagyrdy.**

**Öňki kanun çykaryjy we banan eksport edýän magnatyň 35 ýaşly ogly D.Noboa ýurduň taryhynda iň ýaş Prezidentdir. Ekwadorda möhletinden öň geçirilen Prezident saýlawlarynda «Milli demokratik herekete» wekilçilik eden Daniel Noboa 52,29% ses bilen ýeňiş gazandy. Ekwadorda nobatdan daşary Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry oktýabr aýynda geçirildi.**



**Günorta Amerikanyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Ekwador günbatarda Ýuwaş ummany bilen ýuwulýar, demirgazykda Kolumbiýa, gündogarda we günortada Peru bilen serhetleşýär. Ekwadoryň düzümine Galapagos adalary hem girýär.**

# Täze Zelandiýada täze hökümet döredildi

Täze Zelandiýada oktýabr aýynda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazanan täze Hökümet başlygy Kristofer Lakson kasam kabul etdi. «Duşenbe güni meniň üçin aýratyn gün boldy. Men ýurduň 42-nji Premýer-ministri hökmünde kasam kabul etdim. Bu meniň wezipäme doly girişmegim üçin hormat, ýnam we uly jogapkärçilik» diýip, täze Hökümet başlygy özüniň sosial ulgamdaky sahypasynda ýazdy.

Dabarada Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň we dolandyryjy koalisiýa partiýalarynyň ýolbaşçylary – Winston Piters («Täze Zelandiýa, ozaly bilen» partiýasy) we Dewid Seýmur (ACT partiýasy) Lakson bilen bilelikde kasam kabul etdiler. Olar wise-premýer wezipesini nobat boýunça eýelärler, möhletiň birini ýarymynda Winston bolar, soň bolsa Seýmura geçirer. Şeýle hem täze kabinetde 20 ministriň boljakdygy habar berildi.

Täze Zelandiýada parlament saýlawlary şu ýylyň 14-nji oktýabrynda geçirildi, ýöne iň köp ses alan Milli partiýa özbaşdak hökümet gurmak üçin zerur köplügi alyp bilmedi we beýleki iki partiýa bilen koalisiýa döretmek üçin uzyn gepleşikleri geçirmäge mejbur boldy.



Saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, CNPP saýlawlarda sesleriň 38,06%-ine (parlamentdäki 48 orun), uzak wagtlap hyzmatdaşy ACT partiýasy 8,64%-e (11 orun) eýe boldy. Olar parlament köplügini döretmek üçin (122-den 62 orun) «Täze Zelandiýa, ozaly bilen» partiýasy bilen koalisiýa barada gepleşik geçirmeli boldy. «Täze Zelandiýa, ozaly bilen» partiýasy bu saýlawlarda sesleriň 6,08%-ine (parlamentdäki 8 orun) eýe boldy.

# ÝUNESKO-nyň maslahaty Merkezi Aziýada geçiriler

**Samarkant 2025-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň 43-nji sessiýasynyň geçiriljek ýeri hökmünde saýlandy. Bu barada Parižde Baş konferensiýanyň 42-nji sessiýasynyň başlygy Simona-Mirela Mikulesku habar berdi. Çäre 1985-nji ýyldan bäri ilkinji gezek guramanyň ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri bolan Pariž şäheriniň daşynda geçiriler. 1985-nji ýylda konferensiýa Bolgariýanyň paýtagty Sofiýada geçirilipdi.**




**Belläp geçsek, 2021-nji ýylda ÝUNESKO-nyň agza döwletleriniň hiç biri Baş konferensiýanyň 42-nji sessiýasyny geçirmäge çagyrmandy, şonuň üçin onuň geçiriljek ýeri hökmünde Parižдäki ştab-kwartira saýlandy. Öňki konferensiýalar hem (41-nji sessiýa, 39-njy, 38-nji, 37-nji, 36-njy, 35-nji, 34-nji) teklipleriň bolmandygy sebäpli Fransiýanyň paýtagtynda geçirilipdi.**

**Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew ähli daşary ýurtly dostlaryna we hyzmatdaşlaryna konferensiýany Samarkantda geçirmek baradaky taryhy çözgüdi goldandyklary üçin minnetdarlyk bildirdi.**

**«Sebitimizde ilkinji gezek geçiriljek bu möhüm global çäräniň Özbegistanyň we Merkezi Aziýa döwletleriniň ägirt uly siwilizasiýa mümkinçiligini dünýä jemgyýetçiligine ýene bir gezek görkezmäge mümkinçilik berjekdigine ynanýaryn» diýip, döwlet Baştutanynyň metbugat üçin beýanatynda aýdylýar.**

**ÝUNESKO türki dilleriň ilkinji doly sözlüginiň 950 ýyllygyny bellär**

**2024 – 2025-nji ýyllarda ÝUNESKO-nyň çäklerinde türki şiweleriniň ýygyndysyndan ybarat «Diwany lugat et-türk» (Türki dilleriň diwany) sözlüginiň 950 ýyllygy bellener. Bu kararyň ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň 42-nji sessiýasynda kabul edilendigi barada Azerbaýjanyň ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Milli komissiýasy habar berdi. Şeýle-de, mejlisde meşhur azerbaýjanly binagär Ajemi Nahçywaniniň 900 ýyllygyny bellemek kararyna gelindi.**

**Ýatlap geçsek, «Diwany lugat et-türk» türki dilleri giňden öwrenen türkolog Mahmyt Kaşgarly tarapyndan 1072–74-nji ýyllarda düzülen türki dilleriň ilkinji doly sözlügidir.**

# Moraweskiniň hökümeti kasam kabul etdi

27-nji noýabrda Warşawada Polşanyň täze hökümetiniň kasam kabul ediş dabarasy geçirildi. Ýurduň Prezidenti Anjeý Duda 2017-nji ýyldan bäri Ministrler Kabinetine ýolbaşçylyk edip gelýän Mateuş Morawekiä täze hökümeti döretmegi tabşyrdy. Täze hökümetde 18 ministr bar, olaryň ýarysyndan gowragy zenanlar.

Kasam kabul eden pursatyndan başlap, Premýer-ministriň parlamentde çykyş etmegi we Seýmden (parlament) ynam sesini almagy üçin iki hepde wagty bar. Moraweskiniň hökümeti sesleriň aglaba köplügini almasa, parlamentde täze Premýer-ministr saýlanar. 2007-nji ýyldan 2014-nji ýyla çenli bu wezipäni eýelän Donald Tusk bäsdeş partiýalar tarapyndan Premýer-ministrlige dalaşgär hasaplanýar.

Anjeý Duda Ministrler Kabinetiniň üstünlikli döredilmegine umyt edýändigini aýtdy. Polşanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, Morawekiý dolandyryjy koalisiýany döretmegiň hötdesinden geler.

– Men ýene-de bir gezek gaýtalaýaryn, meniň çuňňur ynanjyma görä, bu Polşa üçin iň gowy sekiz ýyl boldy. Men näme üçin bu iň gowy sekiz ýyl diýýärin? Sebäbi halkyň öňünde öz üstümize alan borçlarymyzyň köpüsi ýerine ýetirildi. Şoňa görä, bize ýene-de has gowy günler garaşýar – diýip, Polşanyň Prezidenti Anjeý Duda belledi.

Konstitusiýa laýyklykda, Moraweskiý 14 günüň içinde hökümet gurmaly. 15-nji oktýabrda geçirilen parlament saýlawlaryndan soň dolandyryjy «Kanun we adalat» partiýasy Seýmde orunlaryň has köpüsine eýe boldy (194).



Ýöne parlamentde orunlaryň köpüsi bäsdeş güýçlere degişlidir: «Raýat koalisiýasy» birleşigi (157 orun), «Üçünji ýol» hereketi (65 orun), «Çep» partiýasy (26 orun) we «Konfederasiýa» partiýasy (18 orun). Parlamentde köplüge eýe bolan bäsdeş partiýalar, Premýer-ministr wezipesine dalaşgär Morawekiä we onuň ministrlerine ynam bildirmezlik sesini bermek mümkinçiligine hem eýe. «Kanun we adalat» partiýasynyň Seýmde ýaran tapmak synanyşyklary şu wagta çenli şowsuz boldy.



# Sanly söwda global ösüşiň täze hereketlendirijisine öwrüler

**– Sanly söwda umumy ösüşiň täze hereketlendirijisine öwrülip biler we dünýä ykdysadyýetiniň ösmegine itergi berer. Häzirki wagtda global sanly söwda uly ösüşleri başdan geçirýär we halkara söwdasynda ეýýäm täze açyk ugra öwrüldi – diýip, Hytaýyň Başlygy Si Szinpin «Global Digital Trade Expo» (Global sanly söwda sergisi) sergisine gatnaşyjylaryň öňünde eden çykyşynda aýtdy.**

**Hytaýyň Başlygy soňky ýyllarda Hytaýyň halkara söwda-ykdysady düzgünleriniň ýokary ülňülerine goşulyp, sanly söwda dolandyryş ulgamyny döredendigini, kämilleşdirendigini, sanly söwdanyň özgertmelerini, innowasiýalaryny we ösüşini öňe sürendigini we hemişe dünýä üçin täze mümkinçilikler döredýändigini aýtdy.**

**Si Szinpin bütin dünýäde internetiň peýdalaryny artdyrmak üçin tagallalary gaýgyrmazlyga çagyrdy.**

**– Ähli taraplar özara hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşmak, netijeleri bilelikde ösdürmek we peýdalanmak, şeýle-de sanly söwdany umumy ösüş üçin täze hereketlendirijä öwürmek we dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine täze itergi bermek maksady bilen bilelikde işlemek üçin «Global Digital Trade Expo» platformasyndan doly peýdalanyp bilerler diýip umyt edýärin – diýip, Hytaýyň Başlygy belledi.**

**Global sanly söwda sergisi Hytaýyň gündogaryndaky Çžeszýan welaýatynyň Hançžou şäherinde 23-27-nji noýabr aralygynda geçirildi. 15 müň satyn alyjy, 68 halkara gurama we işewür birleşigi sergä gatnaşmak üçin hasaba alyndy. 100 müň inedördül metre barabar sergi meýdanynda jemi 800 kärhana önümlerini hödürledi.**

# 285 lukmançylyk merkezi gurlar

Owgan häkimiýetleri ýurduň birnäçe welaýatynda, azyndan, 285 lukmançylyk merkezini gurar. Bu barada ýurduň saglyk ministriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Kalandar Ibada «TOLOnews» teleýaýlymynda habar berdi.

Kalandar Ibada saglygy goraýyş ministrliginiň daşary ýurtlarda ýaşaýan tejribeli we ökde lukmanlary işgär ýetmezçiligi sebäpli watanyna dolanmaga çagyrýandygyny belledi. Ibada tutuş ýurtda näsaglary bejermek üçin 45 müň ornuň zerurdygyny, häzirki wagtda olaryň hakyky sanynyň zerur mukdardan 30% azdygyny aýtdy.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ynsanperwerlik meseleleri utgaşdyrmak boýunça bölümi (OCHA) tarapyndan ýaýradylan meýilnama laýyklykda, Owganystandaky 14 million ýaşaýjy, şol sanda 7,5 million çaga we 3,1 million zenan, OCHA tarapyndan ýörite lukmançylyk kömegini alýar.




# Bürünç önümleri gaýtaryp berer

Şwesiýanyň dünýä medeniýeti muzeýleri Nigeriýanyň we Boliwiýanyň medeni mirasyna degişli zatlary gaýtaryp bermek barada karara geldi. Bu ýerde gürrüň 1898-nji we 1908-nji ýyllar aralygynda Stokgolmdaky Milli tebigat taryhy muzeýiniň etnografiýa bölüminde goýlan 39 beniň bürünji barada barýar.

2021-nji ýylda dünýä medeniýeti muzeýleri bürünç önümleriň gelip çykyşyny öwrenip ugrady we olaryň häzirki Nigeriýanyň Benin şäherinden 1897-nji ýylda getirilendigini anykiady. Dünýä medeniýeti muzeýleriniň magilumatlaryna görä, bürünç önümleri Nigeriýa gaýtarmagyň esasy etiki sebäpleri bar. Bu beýleki zatlar bilen bir hatarda, obýektleriň dini we medeni ähmiýetine-de degişlidir.

– Muzeý dünýäsinde ýerliksiz işlere garşy göreşmek boýunça hökümetiň öz üstüne alan wezipeleri bar. Birwagtlar bikanun getirilen zatlary saklasak, muzeýleriň abraýyna ep-esli derejede şek ýeter – diýip, dünýä medeniýeti muzeýleriniň Afrika bölüminiň başlygy Maýkl Barrett aýtdy.



Nigeriýa öz ýurduna degişli zatlaryň yzyna gaýtarylmagyny XIX asyryň ahyryndan bäri talap edip gelýär, Beýik Britaniýa we Germaniýa ýaly birnäçe ýurt soňky ýyllarda bu islegi kanagatlandyrdy.

# Ýewropanyň innowasiýa paýtagty

Portugaliýanyň paýtagty Lissabon 2023-nji ýylda Ýewropanyň innowasiýa paýtagty hökmünde sylaglandy. Bu baýrak Ýewropa Komissiýasy tarapyndan her ýyl berilýär. Lissabonyň häkimi Karluş Muedaşyň pikirine, bu baýrak şäherde bitirilen işleriň ykrar edilmegidir.

– Biziň şäherimiz Ýewropanyň innowasiýa paýtagty hökmünde saýlandy. Ýewropa Komissiýasy ýaňy-ýakynda dünýäniň iň uly innowasiýa üçin berilýän baýragyny mälim etdi. Oňa Lissabon eýe boldy. Biz bu baýraga iki ýylyň dowamynda bitiren ajaýyp işlerimiz üçin eýe bolduk. Indi bolsa, bizi bir million ýewro baýrak bilen sylaglaýarlar – diýip, Karluş Muedaş jemgyýetçilik ulgamy X-de (öňki «Twitter») goýlan wideo habarynda aýtdy.

Şäher häkimliginiň habaryna görä, Lissabon 2021-2022-nji ýyllarda umumy girdejisi 1 milliard dollar bolan 54-den gowrak tehnologiýa kompaniýasyny we 12 sany startap kompaniýany özüne çekdi.

Karluş Muedaşyň pikirine, bir million ýewro baýragy adamlaryň durmuşyny gowulandyrmak maksady bilen innowasiýany ornaşdyrmaga gönükdiriler.

Ýewropanyň innowasiýa paýtagty baýragynyň çäginde Warşawa (Polşa) ikinji, Lwow



(Ukraina) üçünji orny eýeledi. Ýewropanyň innowasiýa paýtagty baýragy 2014-nji ýylda döredilip, her ýyl Ýewropanyň innowasiýa geňeşi tarapyndan berilýär. Onuň maksady ýerli derejede innowasiýany üstünlikli ornaşdyran we beýlekiler üçin görelde bolup durýan şäherleri sylaglamakdyr.










# SYÝAHATÇYLARA YLHAM BERÝÄN PEÝZAŽLAR

**Filmlerde ýa-da teleseriallarda görýän we wizual effektler diýip hasaplaýan käbir sahnalar hakykatdan hem tebigatda bar. Ynsanlarda «Mümkin däl» diýen pikiri döredýän owadan peýzažlar her ýyl müňlerçe syýahatçyny özüne çekýär. Käbirine barmak aňsat, käbirine kyn. Ýöne muňa garamazdan, syýahatçylar ulagly we pyýada ýol geçip, tebigatyň owadan sahnalarynyň janly şaýady bolýarlar. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki haýran galdyryjy peýzažlaryň käbiri bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**Hallerbos tokaýy.** Belgiýadaky Hallerbosyň gök öwüsýän tokaýlary ýaz paslynda diňe birnäçe hepde janlanýar we soň ýene ýapraklaryny dökýär. Howa şertine laýyklykda üýtgäp durýan tokaý benewşe, mämişi güllerden düzülen «haly» bilen örtülýär. Bu tokaý Belgiýa barýan syýahatçylaryň iň köp surata düşýän ýerleriniň biridir.

**Noýşwanştaýn galasy.** Germaniýadaky Neýşwanşteýn galasy ertekilerde suratlandyrylýan köşk galalaryna meňzeýär. Her ýyl takmynan, 1,5 million syýahatçyny kabul edýän bu gala 1886-njy ýylda açylýar. Bu ýere gelýän myhmanlar özlerini ertekilerdäki ýaly duýýarlar.

**Meteora ybadathanasy.** Gadymy grek siwilizasiýasyndan galan köp sanly ybadathana we şäher harabalyklarynyň arasynda gaýanyň çür depesindäki Meteora görenleri haýran galdyrýar. Gurluşygy XIV asyrdan XIX asyra çenli dowam eden ybadathana toplumy Gresiýanyň Atos dagynda ýerleşýär. Syýahatçylar birnäçe günläp pyýada ýöränlerinden soň dag depesindäki Meteora barýarlar. Jahankeşdeler grekleriň bu binany näme üçin dagyň depesinde gurandyklary bilen gyzyklanýarlar.

**Mermer gowaklary.** Iň gadymy adamlaryň ýaşan ýeri hasaplanýan mermer gowaklary Argentina bilen Çiliniň serhedindäki Patagoniýa sebitinde ýerleşýär. Adatdan daşary howa hadysalarynyň mekany bolan mermer gowaklary 6 müň ýyldan gowrak wagtda kalsiý karbonat gaýalarynyň eroziýasy netijesinde emele gelipdir. Bu gowaklara diňe gaýykly baryp bolýar.

**Tolkun gaýalary.** Arizonanyň demirgazygyndaky tolkun gaýalaryny göresi gelýän syýahatçylaryň sany köp. Her ýyl diňe 20 adama aýlanmaga rugsat berilýän tolkun gaýalary suw bilen çägäniň garyşmagy esasynda emele gelipdir. Birnäçe asyrlaryň dowamynda ýeliň täsiri bilen gylgylt çägäniň ýüzünde egrem-bugram çukurlaryň, gaýalaryň emele gelendigi aýdylýar.

**Sankt-Bazil sobory.** Dünýäde iň köp surata düşürilýän binalaryň biri hem Moskwanyň Gyzyl meýdançasyndaky Sankt-Bazil soborydyr. Sankt-Bazil sobory XVI asyryň ortalarynda gurlupdyr. Şuňa meňzeş bina Moskwanyň beýleki ýerlerinde duş gelmeýär. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň bir bölegi bolan Sankt-Bazil Moskwanyň nyşany hasaplanýar. Häzirki wagtda muzeýe öwrülen bu bina her ýyl müňlerçe syýahatçy barýar.

**Çžanszýaýze seýilgähi.** 2009-njy ýyldaky «Awatar» filminiň wizual effektler topary Çžanszýaýze milli seýilgähiniň owadan gözelliginden ýokarda bir planeta döretdiler. Seýilgähiň esasy sütünlerinden biri bolan «Günorta asman sütüni» «Awatar» filminden soň, «Awatar-Hallelujah dagy» adyny aldy. Hytaýyň günorta-günbatarynda ýerleşýän bu seýilgähde 3 müňden gowrak gaýa bolup, olaryň üçden biri 200 metrden beýikdir. Seýilgähdäki aždarha lifti, asman köprüsi we gaýanyň daşyndan aýlanýan pyýada köprüsi beýikligi gowy görýän syýahatçylar üçin iň täsirli başdangeçirmeleriň biridir.

**Üç şaglawuk.** Islandiýa düzlüklerden ybarat wulkan adalaryndan emele gelipdir. Ýaşyl meýdanlary özünde jemleýän Islandiýanyň günorta bölegi tebigy gurluşy bilen görenleri haýran edýär. Seljalandsfoss, Haifoss we Gullfoss şarlawuklary owadan peýzažy emele getirip, suwuň «döredijilik aýratynlygyny» görkezýär.



# Iň köp agaç ekýän ýurtlar

Ýer ýüzünde 3 trilliondan gowrak agaç bar. Agaçlar «Ýeriň öýkeni» hasaplanyp, adamzady we janly-jandarlary ýaşamak üçin zerur bolan kislorod bilen üpjün edýär. Agaçlaryň esasy bölegi tokaýlarda jemlenip, bu babatda Amazon tokaýlygy öňdeligi eýeleýär. 390 milliard agaç ösýän Amazon tokaýlygy dünýädäki agaçlaryň 13 göterimini emele getirýär. Janly-jandarlaryň 80 göterimi tokaýlarda ýaşaýar. Agaçlar atmosferany parnik gazlaryndan arassalamakda iň ygtybarly serişde hasaplanýar. Agaçlar Ýerdäki suw aýlawy üçin hem möhüm bolup, kökünde suw ýygnaýarlar we atmosfera goýberýärler. Bu suw aýlanyşygy planetanyň guramagynyň öňüni alýar.

Soňky ýyllarda «ýaşyl» taslamalary durmuşa ornaşdyrýan ýurtlarda her ýyl müňlerçe agaç nahallary ekilýär. Bu ugurda Hytaý, Hindistan, Efiopiýa, Pakistan 1 milliarddan gowrak agaç bilen öňdäki orunlary eýeleýär. Meksika, Türkiýe, Peru, Nigeriýa, Keniýa ýaly döwletler hem 500 milliondan gowrak agajy bilen «ýaşyl» taslamany alyp barýarlar. ABŞ, Gana, Italiýa, Mýanma, Flippinler, Braziliýa, Kuba, Kanada, Burundi, Indoneziýa, Ispaniýa ýaly ýurtlarda hem her ýyl 100 milliondan gowrak agaç nahallary oturdylýar. Mangrow, klýon, kedr, arça, çynar we tut dünýäde iň köp ekilýän agaç görnüşleridir.



# BALYK ÝAGYNYŇ PEÝDASY

Dünýädäki akar suwlarda, köllerdir ummanlarda balygyň 35 müň töweregi görnüşi ýaşaýar. Balykçylyk adamzat durmuşyndaky ilkinji kärleriň biri hasaplanýar. Balyk adam saglygy üçin peýdaly iýmitleriň biridir. Bilermenler balygy ýygy-ýygydan iýmegiň immuniteti güýçlendirip, kesellere garşy göreşmäge ukyplydygyny belleýärler. Esasan hem, balygyň ýagy ýürek, göz we beýni üçin has wajypdyr. Soňky ýyllarda geçirilen barlaglarda balyk ýagynyň nerw ulgamyny köşeşdirýändigi ýüze çykaryldy. Balyk ýagyndaky Omega-3 maddasy dartgynly ýagdaýlaryň öňüni alyp, adamyň özüni has rahat duýmagyny üpjün edýär.





Balyk ýagyndaky EPA we DHA ýag kislotalary ýürek-damar ulgamynyň işini kadalaşdyrýar. Görşi gowulandyryp, beýniniň işjeňligini artdyrýar. Ýygy-ýygydan balyk iýýän adamlarda huşsuzlyk, ýadyň we görşüň peselmegi ýaly alamatlar seýrek ýagdaýda duş gelýär. Balyk ýagy göwrelilik döwründe çagalaryň ösüşi üçin hem möhüm elementleriň biridir.

Hoz, zygyr, kädi we käbir gök önümlere garanyňda balykda saklanýan Omega-3 ýag kislotasy saglyk üçin zyýansyz hasaplanýar. Bilermenleriň bellemegine görä, suwuň düýbünde ýaşaýan balyklarda Omega-3 maddasy has dykyz saklanýar. Esasan hem, sardina, losos, tunes balyklary ýag kislotasyna örän baýdyr.

## ÇAGALAR

✓ Oňurgaly janly-jandarlaryň arasynda adam beýnisi iň ulusy hasaplanýar. Beýniniň agramy ortaça 1,3 – 1,4 kilogram töweregi bolýar.

# Oýnawaçlary nädip arassalamaly?



**Oýnawaçlar çagalyk dünýäsiniň aýrylmaz bir bölegi bolup, ukyp-başarnyklaryň ösmegine we kämilleşmegine, täze zatlary öwrenmäge ýol açýar. Oýnawaçlaryň agaçdan, plastmassadan, metaldan ýasalandygyna ýa-da matadan tikilendigine garamazdan, bularyň ählisiniň hem aýratyn orny bar. Soňky ýyllarda çişirilip oýnalýan rezin oýnawaçlar, şeýle hem sökülip-ýygnalýan güýmenjeler has-da ýörgünli boldy. Oýnawaçlary yzygiderli oýnamak bilen güýmenje esbaplarynda hapadyr mikroblar hem toplanýar. Bu saglyk üçin zyýanly bolup, oýnawaçlary wagtly-wagtynda ýuwmak ýa-da zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen arassalamak gerek. Eýsem, oýnawaçlary nädip arassalamaly?**

**Ýumşak oýnawaçlar.** Köplenç «Sütükli oýunjaklary nädip arassalamaly?» diýen sorag ýüze çykýar. Ýumşak oýnawaçlaryň allergiýa döredip bilýändigi sebäpli, olary tiz-tizden arassalamaga üns bermeli. Esasan hem, matadan tikilen sütükli oýunjaklary arassalamak örän möhümdir. Mata oýnawaçlary ýönekeý usulda sabyn köpürjigini çalyp, elde ýuwup arassalap bolýar. Ululary kömegi bilen bu oýnawaçlary kir ýuwujy maşynda hem ýuwup bilersiňiz. Munda üns bermeli esasy zadyňyz oýnawaçdaky artykmaç zatlary maşyna salmazdan öň aýyrmakdyr. Mysal üçin, döwülmegi mümkin bolan zatlar, lentaly bezeg, düwmeler we ş.m. Oýnawaçlary kir ýuwujy maşynda 1 sagatdan gowrak arassalamak, şeýle hem bäbekler üçin niýetlenen ýuwujy serişdeleri ulanmak maslahat berilýär. Oýnawaçlar ýuwlandan soň doly guraýança garaşmaly. Howa şertine laýyklykda Gün şöhlesiniň düşýän ýerinde, batareýalaryň öňünde guradyp bilersiňiz. Emma ütüklemek maslahat berilmeýär. Içinde batareýalar bolan oýnawaçlary ýuwup bolmaýar. Bu batareýaly oýnawaçlary köpürjikli ýa-da çygly mata bilen süpürmek ýerlikli hasaplanýar.

**Plastik oýnawaçlar.** Beýleki oýunjaklara garanyňda plastmassadan ýasalan oýnawaçlary arassalamak has aňsat. Bu oýnawaçlary ilki esgi ýa-da çotga bilen arassalamaly. Munuň üçin çygly antibakterial süpürgiç hem ulanyp bilersiňiz. Soňra süpürilen oýnawaçlary gaýnadylan suwda azyndan 5 minut saklamaly. Gowy edip ýuwup, suwy syrygar ýaly gurak ýerde goýmaly.

**Agaç ýa-da metal oýnawaçlar**. Agaçdan ýa-da metaldan ýasalan oýnawaçlary suwa çümdürip ýuwmak maslahat berilmeýär. Munuň deregine çygly esgi ýa-da gubka bilen süpürmek iň gowy usullaryň biridir. Bu oýnawaçlaryň her bölegini aýratynlykda arassalamaly. Munuň üçin ulanylmaýan diş çotgasyndan peýdalanyp bilersiňiz. Ýyly suwa ýuwujy serişde damdyryp, köpürjik etmeli. Diş çotgasy bilen köpürjik sürtüp, oýnawajyň gaty kiçi böleklerini hem arassalap çykmaly. Soňra wagt ýitirmän gury mata bölegi bilen süpürmeli. Agaç ýa-da metal oýnawaçlary gowy guratmagy ýatdan çykarmaň! Şeýle ýagdaýda oýnawajyň poslamagynyň ýa-da çişmeginiň öňüni alyp bolýar.






### ATA-ENELERE MASLAHAT

Bilermenler bäbekleriň oýnawaçlaryna ata-eneleriň has ünsli çemeleşmegini maslahat berýärler. Bäbekler 2 ýaşa çenli ösüş döwründe gören zadyny dişläp görýärler. Onuň nämedigine düşünmek isleýärler. Şol sebäpli bäbekler üçin rezin oýnawaçlary saýlamaly. Rezin oýnawaçlary gaýnadylan suwda dowamly arassalap durmaly. Kiçi ýaşly çagalar köplenç oýnawaçlaryň ýuwulmagyna (gark bolmagyna) ýalňyş düşünip bilerler. Olaryň duýgularyna oňaýsyz täsir etmegi hem mümkin. Şol sebäpli ata-eneler oýnawaçlary ýuwmazdan ozal, çagalaryň öz dilinde oýunjaklaryň «suwa düşýändigini» we «ýuwunýandygyny» düşündirmeli. Bu çagalar üçin gyzykly bolup, soňabaka körpejeleriň özleri hem höwesine ýerine ýetirip bilerler. Çagaňyzyň oýnawaçlaryny agzy gapakly gutularda saklamaga üns beriň! Şeýle hem körpejelere oýnawaçlary ertirki gün hem oýnamalydygyny düşündirip, ýerli-ýerinde ýygnap goýmagy endik etdiriň!

**Çagalaryň saglygy – oýnawaçlaryň tämizligi bilen.**

Sanlary birleşdiriň!



Şekili reňkläň!



7 tapawudy tapyň!



Labirint





## Adam beýnisi barada GYZYKLY MAGLUMATLAR:

☑ Beýnimizde 100 milliard töweregi neýron (nerw öýjükleri) bar. «Neýron tokaýlygy» diýlip atlandyrylýan bu öýjükler beýniniň bary-ýogy 10 göterimini düzýär.

☑ Beýniniň ölçegi möhüm däl. Sebäbi uly beýniniň kiçi beýniden has akyllydygy barada subutnama ýok.

☑ Ýadyňa düşürmek, täze zatlary pikirlenmek – bu beýnidäki maglumatlar esasynda döreýär.

☑ Beýnidäki gan damarlarynyň uzynlygy 6 müň kilometr.

☑ Düýş görmek beýniniň dynç alyş wagtynda (ukuda) bolup geçýän kiçijik hadysadyr. Bu hadysanyň dowamlylygy bary-ýogy 3 sekunt.

☑ Näçe çuň pikirlenilse, beýni hem şonça kislorod we «ýangyç» sarp edýär.

☑ Beýniniň takmynan, 75 göterimi suwdan durýar. Şol sebäpli suwsuzlyk, natriý hem-de elektrolitleriň ýitmegi ýadyň we ünsüň peselmegine sebäp bolýar.

☑ Adam beýnisi daş ýaly berk bolup, bedeniň agramynyň 2 göterimini emele getirýär. Beýniniň agramy ortaça 1,3 – 1,4 kilogram töweregi bolýar.

☑ Oňurgaly janly-jandarlaryň arasynda adam beýnisi iň ulusy hasaplanýar. 18 ýaşa çenli beýni ösmegini dowam etdirýär. 25 ýaşa çenli kämilleşýär. 40 ýaşa ýetende ösemegini bes edýär. Adam ulaldygyça beýnisi kiçelýär.

☑ Kellagyry beýnidäki nerw öýjüklerinde bolup geçýän himiki täsirleşme netijesinde ýüze çykýar.

☑ Beýniniň hasaba alýan gysga möhletli ýady 20-30 sekunt töweregi ýatda saklanýar. Beýni sanly belgini 7 sekuntda, harply belgini 9 sekuntda ýat tutup bilýär. Beýniniň işjeň ýady 7 belgili sanlary çaltlyk bilen özüne geçirip bilýär. Şol sebäpli dünýäniň köp ýurdunda awtoulag belgileri, telefon nomerler 7 belgili sandan geçmeýär.

☑ Beýni agyry duýmaýar. Beýnide her gün 12 – 60 müň töweregi pikir döreýär. Şolaryň 95 göterimi gaýtalanýan pikirler bolup, 80 göterimi bolup bilmejek zatlardyr.

☑ Maşk bedenimiz üçin zerur bolşy ýaly, beýnimiz üçin hem zerurdyr. Küşt, şaşka, krossword ýaly pikirlendirýän, iki suratyň arasyndaky tapawudy tapmak ýaly beýnini işjeňleşdirýän maşklary ýerine ýetirmeli.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# «ÖTEN GÜNLER» IŇ GOWY FILM SAÝLANDY

«Hollywood»-yň studiýalaryndan garaşsyz filmlere berilýän abraýly sylaglaryň biri bolan «Gotham» baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. 33-nji «Gotham» baýraklarynyň gowşuryluş dabarasy Nýu Ýorkda geçirildi. Dabarada iň gowy film diýlip, «Öten günler» (Past Lives) filmi saýlandy. Iň gowy artist baýragyna-da «Näbelli ýurt» (The Unknown Country) filmindäki keşbi üçin Lili Gladstoun laýyk görüldi. Ikinji plandaky iň gowy artist diýlibem «Maý, dekabr» (May December) filmindäki keşbi üçin Şarlz Melton saýlandy.






Iň gowy ssenariý baýragy «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomy of a Fall) filminiň edebi esasyny ýazanlar Žustin Trie bilen Artur Harara berildi. Şol bir wagtyň özünde bu ekran eseri iň gowy halkara film baýragyna-da mynasyp boldy. «Dört gyz» (Four Daughters) kinosy-da iň gowy dokumental film hökmünde ykrar edildi. «Müň we bir» (A Thousand and One) filmini surata düşüren A.W.Rokwell iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy serial artisti baýragyna «Beef» serialynyň aktýory Ali Wonga laýyk görüldi. «Beef» iň gowy 40 minutdan az, «A Small Light» iň gowy 40 minutdan köp serial diýlip saýlandy.

«Gotham» baýraklary 1991-nji ýyldan bäri «The Gotham Film & Media Institute» tarapyndan berlip gelinýär. «Howply duzak» (The Hurt Locker, 2009), «Bördmen» (Birdman, 2014), «Üns merkezinde» (Spotlight, 2015), «Aýyň ýagtysy» (Moonlight, 2016), «Çarwadarlaryň mekany» (Nomadland, 2020), «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once, 2022) ýaly filmler Oskar baýragyndan öň «Gotham» baýraklarynda iň gowy film saýlanypdy.




## OSKAR DABARASYNY ÝENE-DE JIMMI KIMMEL ALYP BARAR

● Kino dünýäsiniň iň uly sylagy bolan Oskar baýraklarynyň nobatdaky gowşuryluş dabarasynyň alypbaryjysy belli boldy. 2024-nji ýylyň 10-njy martynda geçiriljek 96-njy Akademiýa baýraklaryny belli komediýaçy, «talk-show» ýyldyzy Jimmi Kimmel alyp barar. 4-nji gezek dabarany alyp barjak Jimmi Kimmel ilkinji gezek 2017-nji ýylda-da Oskar baýraklarynyň gowşuryluş dabarasynyň alypbaryjysy bolupdy. Şol ýyl iň gowy film baýragynyň bukjasyna ýalňyşlyk bilen «La La Lend» (La La Land) filminiň ady ýazylypdy. Baýragy bolsa «Üns merkezinde» (Spotlight) filmi gazanypdy. Jimmi Kimmeliň alyp baran şu ýylky dabarasynda «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) filmi iň gowy film saýlanypdy. Jimmi Kimmel 2018-nji ýylda-da dabaranyň alypbaryjysy bolupdy.



## Kino täzelikleri

● Iň gowy aktýor ugry boýunça 2 gezek Oskar baýragyny gazanan meşhur aktýor Denzel Waşington ussat režissýor Antuan Fukua bilen ýene bir filmde bile işleşer. Režissýoryň «Ilkinji gün» (Training Day, 2001) atly ekran eserindäki keşbi bilen Oskar gazanan 68 ýaşyndaky Waşington Fukuanyň «Sazlaýjy» (The Equalizer) filmlerinde, şol sanda «Ajaýyp ýedilik» (The Magnificent Seven) kinosynda surata düşüpdi. Täze ekran eserinde Rim Imperiýasynyň generallaryndan Hannibal Barkanyň keşbini janlandyrar. Filmiň ssenarisini «Gladiator», «Awiator», «Hugo», «Skaýfoll», «Spektr» ýaly filmleriň edebi esasyny ýazan meşhur ssenariçi Jon Logan ýazar. «Netflix»-iň önümi boljak we söweşli sahnalara baý boljak filmiň ekranlara çykjak wagty häzirlikçe belli däl.



● «Karateçi çaga» (Karate Kid) filmleriniň hataryna ýene biri goşulýar. Jonatan Entwisliň režissýorlyk etjek kinosynda meşhur aktýor Jeki Çan bilen Ralf Makkio baş keşplerde surata düşer. Ilkinji gezek iki başga «Karateçi çaga» filminde surata düşen aktýorlar bir filmde bilelikde keşp janlandyrar. Filmiň 2024-nji ýylyň 13-nji dekabrynda ekranlara çykmagyna garaşylýar. Ralf Makkio 1984-nji ýyldaky «Karateçi çaga» filminde Daniel LaRussonyň keşbini ýerine ýetiripdi. Jeki Çan bolsa 2010-njy ýyldaky filmde Jeýden Smit bilen surata düşüpdi. Makkio «Kobra Kai» atly serialda-da şol keşbi janlandyrypdy.



● «Hollywood»-yň iki ussat artisti – oskarly aktrisa Nikol Kidman bilen belli aktýor Antonio Banderas «Babygirl» atly filmde esasy keşpleri janlandyrarlar. Olar filmde iki ýanýoldaşyň keşbinde surata düşerler. Triller görnüşli filme Halina Reýn režissýorlyk edip, ssenarini hem onuň özi ýazar. Dekabr aýynda Nýu Ýorkda surata düşürilip başlanjak filmde Harris Dikinson hem ýaş işgäriň keşbini ýerine ýetirer. Filme soňky wagtlarda şowly ekran eserleri bilen öňe çykýan «A24» studiýasy prodýuserlik eder.



● «Hababam synpy», «Şadyýan günler» ýaly ilhalar filmleriň artisti, türkiýeli aktrisa Adile Naşit barada film surata düşüriler. Filmiň ssenarisini belli kino işgäri, prodýuser, ssenariçi Gani Müžde ýazar. 1987-nji ýylda 57 ýaşynda aradan çykan Naşidiň ýaşlyk ýyllary filmiň esasy temasy bolar. Filmde Adile Naşidiň keşbini kimiň janlandyrjakdygy häzirlikçe belli däl. Golaýda «Adile» atly filmiň kasting işlerine badalga berlendigi habar berildi.



## Täze filmler

**Ady:** «Napoleon»; **Režissýory:** Ridli Skott; **Keşplerde:** Hoakin Finiks, Wanessa Kirbi, Tahar Rahim, Ben Maýlz, Ludiwin Sanie, Rupert Ewerett; **Ssenariçi:** Dewid Skarpa; **Prodýuseri:** Ridli Skott, Kewin J. Wolş, Mark Huffam, Hoakin Finiks; **Kompozitory:** Martin Fipps; **Öndüriji:** «Apple Studios», «Scott Free Productions»; **Paýlaýjy:** «Columbia Pictures», «Apple Original Films»; **Dowamlylygy:** 157 minut (režissýor wersiýasy 270 minut); **Görnüşi:** epiki taryhy drama; **Ýurdy:** ABŞ, Birleşen Patyşalyk; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million dollar.






«Gladiator», «Jennet şalygy», «Soňky duel» ýaly taryhy wakalary beýan edýän filmleriň ussat režissýory Ridli Skott şolara meňzeş ýene bir kinony ekranlaşdyrdy. Taryhyň belli şahsyýetlerinden Napoleonyň durmuşy baradaky filmi surata düşüren Ridli Skottuň täze ekran eseri «Napoleon» diýlip atlandyrylýar. Filmde baş keşbi, «Joker» kinosyndaky keşbi bilen Oskar gazanan tanymal aktýor Hoakin Finiks janlandyrýar. Oňa Wanessa Kirbi, Tahar Rahim dagy hem ýoldaşlyk edýär. 3 sagada golaý dowam edýän film «Apple Studios»-yň önümi bolup, býujeti 200 million dollara ýetýär. Beýik Britaniýada surata düşürilen filmde Napoleon Bonapartyň ýönekeý esgerlikden imperator bolşy, ýolbaşçylyk eden söweşleri barada söhbet açylýar.

**Ady:** «Wish»; **Režissýory:** Kris Bak, Fawn Wirasuntorn; **Ses berenler:** Ariana DeBos, Kris Paýn, Alan Tudyk, Anjelik Kabral, Wiktor Garber, Nataşa Rotwell; **Ssenariçi:** Jennifer Li, Allison Mur; **Prodýuseri:** Piter Del Weko, Huan Pablo Reýes Lankaster-Jons; **Kompozitory:** Deýw Metzger; **Öndüriji:** «Walt Disney Pictures», «Walt Disney Animation Studios»; **Paýlaýjy:** «Walt Disney Studios Motion Pictures»; **Dowamlylygy:** 95 minut; **Görnüşi:** kompýuter animasiýasy, mýuzikal, fantastik; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million dollar.




Animasiýa öndürijiliginiň iň öňdebaryjysy hasaplanýan «Disney» studiýasynyň ýene bir multfilmi «Arzuw» (Wish) atly täze ekran eserine Kris Bak bilen Fawn Wirasuntorn režissýorlyk edýär. 200 million dollarly ýylyň iri taslamasy bolan animasiýanyň esasy gahrymanlaryna Ariana DeBos, Kris Paýn, Alan Tudyk ýaly belli artistler ses berýär. Animasiýada ähli arzuwlaryň hasyl bolýan Rosas şalygynda ýaşap ýören, ýöne bir gün gaýduwsyz duşman bilen gabatlaşýan Aşa atly gyzjagazyň başdan geçirmeleri barada gürrüň berilýär.

## 52-nji KROSSWORD

**Oraz DÖWLETGELDIÝEW,** *Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **2.** Ýurt, döwlet. **3.** Täze etden bişirilýän nahar. **4.** Taraplary görkezýän enjam. **5.** Bir zadyň daşyna aýmança etmek üçin germelýän, keseligine goýulýan agaç. **6.** Ýumurtgany una garyp, gyzan ýaga guýup, taýýarlanýan nahar. **7.** Miwe. **8.** Sungatyň bir ugry. **9.** Ünji edegen. **13.** Günorta Aziýada bir döwlet. **14.** Haýyrsyz, wepasyz. **17.** Aziýada syýahat eden weneSiýaly meşhur täjir we syýahatçy. **18.** Miwe. **20.** Geýim-gejim. **21.** Türkmen sährasy. **25.** Durmuşa çykjak gyzyň eşiklerini tikmek üçin gyz-gelinleriň üýşmeleňi. **28.** Türkmen çeper filmi. **29.** «Ekiniňi ýaş gördüm, duzsuz bişen aş gördüm» (matal). **31.** Oglan ady. **32.** Täsir edip bilmeýän. **33.** Geňeş, sala. **35.** Guýrugynyň ortasy gädik, kiçijik garaja guş. **38.** Ýewropada bir döwlet. **39.** Tagam, dat. **42.** Günorta Amerikada bir döwlet. **43.** Taryna kakylyp çalynýan saz guraly.

● **KESELIGINE:** **1.** Üsti tümmerip duran. **5.** Oglan ady. **10.** Ýaponiýanyň Orta asyr şahyrana žanry. **11.** Balygyň bir görnüşi. **12.** Tär, ugur. **15.** Arhitekturanyň bir ugry. **16.** Düşümleriň biri. **19.** Dynç almak üçin bellenilen wagt. **21.** Açyk howada edilýän aýlaň-çaýlaň. **22.** Oglan ady. **23.** Öküziň bir görnüşi. **24.** Bir zada gönükdirilen üns. **26.** Gylýal. **27.** Ynamly, ynançly. **28.** Daşy gözenekli guş saklanýan ýer. **30.** Tagzym. **33.** Aýlaryň biri. **34.** Suwuklygyň gaty gyzmagy, gaýnamagy netijesinde emele gelýän çygly howa. **36.** Kybapdaş, meňzeş. **37.** Himiki element. **40.** Eňňit, ýapgyt ýer. **41.** Çekilýän zähmet, kär. **44.** Aşhana guraly. **45.** Ýitip giden irki deňiz süýrenijileriniň bir görnüşi. **46.** «Gyz maşgalanyň ... ene-de bolar» (nakyl). **47.** «Bergiň ýüze ýetse, ... börek iý» (nakyl). **48.** Ýedi täsinligiň biri.



## 53-nji KROSSWORD

**Soltanmyrat BABEKOW,** *Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

● **KESELIGINE:** **1.** Subtropik miwe. **4.** Gyz ady. **7.** Gün-güzeran, eklenç. **10.** Öküziň bir görnüşi. **11.** Bir zadyň özeni, çeşmesi. **13.** Aman-.... **14.** Planeta. **15.** Gyz ady. **18.** Persiýanyň şasy Beýik ... I. **20.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin guralan gurama. **22.** «Älemi ýandyrar bilbiliň zary, ..., bäs eýlemiş gyzyl gül bile» (Kemine). **24.** Täze Zelandiýanyň milli guşy. **25.** Ýurdumyzda bir welaýat. **26.** Syk dokalan, ýüz tarapy tüýjümek galyň ýüň mata. **27.** Söweş sungatynyň bir görnüşi. **29.** Balyk tohumyndan taýýarlanýan iýmit. **32.** Al-... Alžirde bir kanal. **36.** Oglan ady. **38.** Ümlük. **39.** Ylmyň haýsy-da bolsa bir ugrundan ýörite bilim alan, alymlyk derejesine ýeten adam. **40.** Ýüz santimetre deň bolan uzynlyk ölçeg birligi. **41.** «Oturyp-turşy ..., Gaşlary galam islärin» (Magtymguly Pyragy). **42.** Gymmatly daş. **43.** Belli türkmen ýazyjysy Atajan ...

● **DIKLIGINE:** **2.** Agyrlyk göterýän gurluşyk ulagy. **3.** Dyngy belgi. **4.** Heniz per bitmedik guş jüýjesi. **5.** Ynsan. **6.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylan sazly drama eseri. **8.** Tipografiýanyň şrift ölçegi. **9.** Uzyn bolmadyk, kelte. **10.** Tugra, nyşan. **12.** Kölege. **15.** Sekiz aýakly deňiz jandary. **16.** Towlanyp deşik deşýän burmaly gural. **17.** Giňden ýaýran demir mineraly. **19.** Türkmen gelin-gyzlarynyň dört burçly matanyň üç burçy tikilen we bir burçy hem açyk, el işlerini salýan gaby. **21.** Awtoulag ýaryşy. **23.** Baýtal süýdünden edilýän çal. **27.** Goňur sütükli we gymmat derili, kiçiräk ýyrtyjy jandar. **28.** Egin-eşik üçin dokalýan önüm. **30.** Deňiz (köne söz). **31.** Çörek önümi. **33.** Oglan ady. **34.** Däneli ekin. **35.** Miwe. **37.** Düwme, sadap. **38.** Jaý, tam.



51-nji krosswordyň jogaby:



37-nji skanwordyň jogaby:



## Bir sözlemde...

Rowaýaty F1 sürüjisi Mihael Şumaheriň ogly Mik Şumaher geljek ýylda «Alpine» toparynyň adyndan FIA Berdaşlylyk çempionatyna gatnaşar we ol şol bir wagtyň özünde F1-de «Mercedes» toparynyň ätiýaçdaky sürüjisi wezipesini hem dowam etdirer.

Özbegistanyň «Super Ligasynda» Daşkendiň «Pahtakor» topary möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda, bassyr 5-nji, umumylykda 16-njy çempionlygyny gazandy.

Ýaponiýanyň çempionaty «J1 League»-de hem çempion möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda belli bolup, «Wissel Kobe» kluby taryhynda ilkinji gezek ýurduň çempiony diýen ady eýelemegi başardy.

Germaniýanyň «Bundesligasynda» aşaky orunlarda barýan «Union Berlin» topary wezipesinden boşadan tälimçisi Urs Fişeriň ornuna horwatiýaly 52 ýaşyndaky hünärmen Nenad Bielisa bilen şertnama baglaşdy.

# ÝENE-DE 5 KLUB 1/8 FINALA ÇYKDY

AFK Çempionlar Ligasynda toparçadaky 5-nji duşuşyklar tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublaryň sany köpeldi. 4-nji oýunlardan soň diňe «Al-Ain» bilen «Phohang Stilers» ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanypdy. Olaryň hataryna ýene 5-si goşulyp, 1/8 finala çykan klublaryň sany 7 boldy. Saud Arabystanynyň 4 klubunyň 3-si 1/8 finala çykmagy başardy.





«A» toparçadaky duşuşyklaryň 2-si hem 3-1 hasabynda tamamlandy. Toparçanyň lideri «Al-Ain» öz meýdançasynda «Pahtakordan» 3-1 hasabynda utuldy. «Pahtakoryň» gollaryny Erkinow (2) bilen Seran geçirdi. Şonuň ýaly «Al-Feýha» kluby-da «Ahaly» şol hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi.

«B» toparçada 1/8 finala çykmak üçin göreş dowam edip, 5-nji oýunlarda Özbegistanyň «Nasafy» öz meýdançasynda «Al-Faýsaly» (Iordaniýa) toparyny 3-1 hasabynda ýeňdi. Kataryň «Al Sadd» kluby-da myhmançylykda BAE-niň «Şarjah» toparyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. «Al-Faýsaly» üçin ýaryş tamamlanyp, galan 3 klubuň arasynda («Nasaf» – 10, «Şarjah» – 8, «Al Sadd» – 7) ýaryş dowam edýär.

**«C» toparçada** myhmançylykda özbekleriň AGMK toparyny Hamdallahyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Al-Ittihad» topary 1/8 finala çykmagy başardy. Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» toparyny Ahmedazehiň ýeke-täk goly bilen ýeňen Eýranyň «Sepahan» toparynyň iň gowy 2-nji ýeri eýelejek klublaryň hataryna goşulmak mümkinçiligi dowam edýär.

**«D» toparçada** Saud Arabystanynyň başga bir kluby «Al Hilal» 1/8 finalyň ýollanmasyny gazanmagy başardy. Myhmançylykda «Nawbahor» toparyny Malkom hem-de Al-Dawsariniň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňen er-riýadlylar 1/8 finala çykdy. Eýranyň «Nassaji Mazandaran» topary hem şol hasap bilen «Mumbaý Sitiden» üstün çykmagyň hötdesinden geldi. Mazandaranlylaryň iň gowy 2-nji ýeri eýelejek klublaryň hataryna goşulmak mümkinçiligi dowam edýär.

**«E» toparçada** «Al Nassr» bilen «Persepolisiň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Oýnuň 23-nji minutynda 1 oýunçysy gyzyl kart alan «Al Nassr» toparyna bu deňlik 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik boldy.

**«F» toparçada** «Lion Siti Seýlors» toparyny Rungratyň ýeke-täk goly bilen ýeňen Tailandyň «Bangkok Ýunaýted» kluby 1/8 finala çykmagy başardy.

**«G» toparçada** 1/8 finala çykmak mümkinçiligi bolan 3 klubuň arasynda ýiti göreş dowam edýär. «Kaýa-Iloilony» 6–1 hasabynda ýeňen «Şandon Taýşan» 12 utuk bilen 1-nji ýeri eýeleýär. «Inçhon Ýunaýted» hem «Ýokohama F. Marinos» toparyny ýeňip (2–1), utugyny ýapon kluby bilen deňleşdirdi (9 utuk).

**«H» toparçada** golly geçen 5-nji duşuşyklardan soň 4 klubuň hem ýaryşy dowam etdirmek mümkinçiligi bar bolup, ähli zat soňky tapgyrda kesgitlener. Ýaponiýanyň «Wentfrot Kofu» hem-de Awstraliýanyň «Melburn Siti» toparlarynyň 8, «Buriram Ýunaýted» (Tailand) bilen «Çžeszýan» (Hytaý) klublarynyň hem 6 utugy bar.

**«I» toparçada** Malaýziýanyň «Johor Darul Ta'zim» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizen «Kawasaki Frontal» utugyny 12-ä çykaryp, 1/8 finala adyny ýazdyran klublaryň hataryna goşuldy.

**«J» toparçada** «Phohang Stiler» toparynyň 1/8 finala çykandygy ozal belli bolupdy. Koreý kluby Wýetnamyň «Hanoi» toparyny 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.




## 47 ýyldan soň 2-nji kubok

**Tennis boýunça milli ýygyndylaryň (erkekler) arasynda geçirilýän Dewis Kubogy ýaryşynda Italiýanyň ýygyndysy çempion boldy. Ispaniýanyň Malaga şäherinde geçirilen ýaryşyň final tapgyrynda italýanlar çärýek finalda Niderlandlardan, ýarym finalda-da serblerden 2:1 hasaplar bilen üstün çykdy. Finalda Awstraliýanyň ýygyndysyny-da 2-0 ýeňen italýanlar 47 ýyldan soň 2-nji gezek Dewis Kubogyny gazanmagy başardy. Finalyň 1-nji duşuşygynda Matteo Arnaldi Alekseý Popirini 2:1 (7:5, 2:6, 6:4), 2-nji duşuşygynda-da Ýannik Sinner Aleks de Minaury 2:0 (6:3, 6:0) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bu 2 ýeňişden soň jübütleýin duşuşygyň geçirilmeginiň zerurlygy hem galmady. Şunlukda, Ýannik Sinner, Lorenzo Musetti, Lorenzo Sonego, Matteo Arnaldi hem-de Simone Bolelli dagydan düzülen Italiýanyň ýygyndysy taryhyndaky 2-nji Dewis Kubogyny asmana göterdi.**

**Italiýanyň ýygyndysy mundan öň diňe 1976-njy ýylda çempion bolupdy. Olar şonda şol wagtky Çehoslowakiýany ýeňipdi. Finalda 6 sapar utulan Italiýanyň ýygyndysy Dewis Kubogyny 2 gezek gazanan 11-nji ýurt hökmünde hasaba alyndy.**

**Yzly-yzyna 2-nji gezek finalda utulan Awstraliýanyň ýygyndysy 18-nji sapar 2-nji ýeri eýeledi. Olar 28 gezek çempionlyk gazanyp, bu ugurda ABŞ-dan (32) soň 2-nji orunda barýar.**

### LeBron Jeýmsiň täze rekordlary

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da super ýyldyz LeBron Jeýms her hepde diýen ýaly täze rekord goýýar. 38 ýaşyndaky basketbolçy topary «LA Leýkersiň» myhmançylykda «Filadelfiýa 76ers» topary bilen duşuşan oýnunda 30 minut çykyş etdi. Şunlukda, LeBron Jeýms adaty möwsümde iň köp minutlap çykyş eden basketbolçy boldy. Ol 66 müň 319 minut bilen Karim Abdul Jabbaryň 66 müň 300 minutlyk rekordyny täzelemegi başardy. Bu duşuşykda «LA Leýkers» 138:94 hasabynda asgyn geldi. 44 utuk aratapawut Jeýmsiň karýerasyndaky iň uly aratapawutly ýeňliş hökmünde hasaba alyndy.



LeBron Jeýms mundan öňki hepdede bolsa 39 müňden köp utuk geçiren ilkinji basketbolçy bolupdy.



# 2-nji GEZEK ÇEMPIONLYK GAZANAN 17-nji SÜRÜJI



**Moto GP boýunça çekeleşikli geçen möwsümiň çempiony iň soňky ýaryşda belli boldy. Ispaniýanyň Walensiýa şäherinde geçirilen möwsümiň 20-nji ýaryşynda sanawyň lideri, «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Banaia 4 kilometrlik Rikardo Tormonyň adyny göterýän trassasynda geçirilen 27 aýlawdan ybarat ýaryşy 40 minut 58,535 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki 7-nji, karýerasyndaky 18-nji ýeňşi bolup, ol bassyr 2-nji gezek Moto GP-niň çempionlygyny gazandy.**



**Ýaryşda 2-nji ýeri «Prima Pramac» toparynyň fransuz sürüjisi Ýohan Zarko 2-nji, «Red Bull KTM» toparynyň günorta afrikaly piloty Bred Baýnder 3-nji ýeri eýeledi. Çempionlyk ugrunda ýiti göreş alyp baran ispaniýaly Horge Martin («Prima Pramac») 5-nji aýlawda kiçeňräk hadysadan soň ýaryşy dowam etdirip bilmedi.**

**Sprint ýaryşynda Horge Martin 1-nji ýeri eýelese-de, bu oňa çempionlyk üçin ýeterlik bolmady. Sprint ýaryşynda Banaia 5-nji orna mynasyp boldy.**

**Şunlukda, Françesko Banaia 467 utuk bilen bassyr 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Ol Moto GP-de 2 çempionlyk gazanan 17-nji sürüji hökmünde hasaba alyndy. Horge Martiniň 2-nji bolan ýaryşynda italiýaly Marko Bezzekki (Mooney VR46 Racing) 3-nji ýeri eýeledi.**

# Werstappen möwsümi 5 rekord bilen tamamlady

Formula 1 boýunça möwsümiň iň soňky ýaryşy, 22-nji «Gran Prisi» BAE-niň paýtagty Abu Dabidäki «Yas Marina» trassasynda geçirildi. 58 aýlawy 1 sagat 27 minut 02,624 sekuntda tamamlan «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Bu onuň bassyr 7-nji, möwsümdäki 19-njy, karýerasy boýunça-da 54-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.

23 «Gran Priden» ybarat çempionatyň 19 ýaryşynda ýeňiş gazanan Maks Werstappen diňe 3 bäsleşikde ýeňiji bolmady. Bir ýaryş bolsa, möwsümiň 6-njy tapgyry — Emilia-Romana «Gran Prisi» oňaýsyz howa şertleri sebäpli geçirilmändi. Werstappen möwsümde 5 rekord goýdy. Ol yzly-yzyna iň köp ýaryşda (10) hem-de bir möwsümde iň köp ýaryşda (19) ýeňiş gazanan sürüji bolmak bilen bir hatarda, iň köp utuk (575) toplan sürüji hem bolmagy başardy. Ýeňiş münberine iň köp çykan sürüji hem bolan Werstappen iň köp wagt liderligi saklan pilot hökmünde hasaba alyndy.



Abu Dabi «Gran Prisinde» «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler 2-nji, toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell 3-nji orna mynasyp boldy. «Mercedes» topary 2011-nji ýyldan soň ilkinji gezek bir möwsümi ýeňişsiz tamamlady.

Şeýlelikde, F1-iň 74-nji möwsümi Maks Werstappeniň bassyr 3-nji çempionlygy bilen tamamlanyp, «Red Bull» topary-da konstruktorlaryň arasynda ýeňşini baýram etdi. 2-nji ýeri Werstappeniň meksikaly topardaşy Serhio Peres eýeläp, 234 utuk toplan «Mercedes» toparynyň britan piloty Lýuwis Hamilton möwsümi 3-nji orunda tamamlady. Möwsüme şowly başlan Fernando Alonso bilen Şarl Lekler 206 utuk toplap, 4–5-nji orunlary paýlaşdylar.



## HOLANN 50 GOLA IŇ ÇALT ÝETEN FUTBOLÇY

**Angliýanyň çempionatynda tapgyryň iň esasy duşuşygynda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Liwerpul» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Holannyň 27-nji minutdaky goluna 80-nji minutda Aleksander-Arnold jogap berdi. «Mançester Siti» toparyna 86 ýyldan bäri «Liwerpuly» çempionatda yzly-yzyna 2 gezek ýeňmek başartmady. «Mançester Siti» öz meýdançasynda çempionatyň çäginde 23 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýärdi. Bu ugurda rekord yzygiderli 24 ýeňiş gazanan «Sanderland» toparyna degişlidir (1891/92 möwsümi). Erling Holann bolsa «Premier Ligada» iň çalt 50 gola ýeten futbolçy boldy (48 oýun).**

**Bu deňlikden soň myhmançylykda «Brentfordy» Kai Hawertsiň 89-njy minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňen «Arsenal» 1-nji orna beýgeldi. Ilkinji 10 oýunda utulman möwsüme şowly başlan «Tottenham» Londonda «Aston Willadan» 1–0 öňe geçendigine garamazdan 2–1 hasabynda asgyn geldi. «Mançester Ýunaýted» maliýe düzgünlerini doly berjaý etmändigi üçin 10 utugy aýrylan «Ewerton» toparyny myhmançylykda Garnaçonyň, Reşfordyň (p) hem-de Marsialyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. «Nýukasl» hem «Çelsini» 1-nji ýarymy 1-1 tamamlanan oýunda 4–1 hasabynda utdy.**



### Hepdäniň esasy duşuşyklary

*1-nji dekabr (anna):*

**Al Hilal – Al Nassr (23:00)**
Monza – Ýuwentus (00:45)

*2-nji dekabr (şenbe):*

Žirona – Walensiýa (18:00)
Bawariýa – Union Berlin (19:30)
Arsenal – Wulwerhempton (20:00)
Real Madrid – Granada (22:30)
Milan – Frozinone (00:45)
**Nýukasl – Man. Ýunaýted (01:00)**
Nant – Nissa (01:00)

*3-nji dekabr (ýekşenbe):*

**Feýenoord – PSW (16:15)**
Le Hawr – PSŽ (17:00)
Lokomotiw – Zenit (18:30)
Liwerpul – Fulham (19:00)
Çelsi – Braýton (19:00)
**Man. Siti – Tottenham (21:30)**
**Baýer – Borussiýa D (21:30)**
Sassuolo – Roma (22:00)
Sewilýa – Wilýarreal (22:30)
**Napoli – Inter (00:45)**
**Barselona – Atletiko (01:00)**

### PREMIER LEAGUE (13) — 34 gol

**Man. Siti—Liwerpul: 1–1** (Holann 27 — Aleksander-Arnold 80), **Luton Tawn—K. Palas: 2–1** (Mengi 72, Braun 84 — Olise 75), **Börnli—West Ham: 1–2** (Rodriges 49 p — O'Şi 86 ö.d., Souçek 90+1), **Nottingam—Braýton: 2–3** (Elanga 3, Gibbs-Waýt 76 p — Ferguson 26, Žoao Pedro 45+4, 58 p), **Nýukasl—Çelsi: 4–1** (Isak 13, Lassells 60, Žoelinton 61, Gordon 83 — Sterling 23), **Şeffild Ý—Bornmut: 1–3** (Makberni 90+7 — Tawernie 12, 51, Kluiwert 45+3), **Brentford—Arsenal: 0–1** (Hawerts 88), **Tottenham—A. Willa: 1–2** (Lo Çelso 22 — Pau Torres 45+7, Watkins 61), **Ewerton—M. Ýunaýted: 0–3** (Garnaço 3, Reşford 56 p, Marsial 75), **Fulham—Wulwerhempton: 3–2** (Iwobi 7, Willian 59 p, 90+3 p — Mateus Kunýa 22, Hi Çan Hwan 75 p)

### LA LIGA (14) — 23 gol

**Alawes—Granada: 3–1** (Torrent 11 ö.d., Rebbaş 38, Omorodion 55 — Uzuni 86 p), **Walensiýa—Selta: 0–0, Raýo Wallekano—Barselona: 1–1** (Unaý Lopes 39 — Ležen 82 ö.d.), **Hetafe—Almeriýa: 2–1** (Grinwud 33, Maýoral 45 — Ramazani 7), **Atletiko—Malýorka: 1–0** (Grizmann 64), **Wilýarreal—Osasuna: 3–1** (Morales 57, 71, 80 — Katena 78), **Real Sosiadad—Sewilýa: 2–1** (Dmitrowiç 3 ö.d., Sadik 22 — En-Nesiri 60), **Kadiz— Real Madrid: 0–3** (Rodrigo 14, 64, Bellingam 74), **Betis—Las Palmas: 1–0** (Willian 19), **Žirona—Atletik: 1–1** (Sygankow 55 — Iniaki Williams 67)

### SERIE A (13) — 31 gol

**Salernitana—Lasio: 2–1** (Kastanos 55, Kandrewa 66 — Immobile 43 p), **Atalanta—Napoli: 1–2** (Lukmen 53 — Kwarasheliýa 44, Elmas 79), **Milan—Fiorentina: 1–0** (Teo Hernandes 45+2 p), **Kaliari—Monza: 1–1** (Dossena 10 — Mariç 61), **Empoli—Sassuolo: 3–4** (Kaputo 3 p, Fazzini 25, Kowalenko 86 — Pinamonti 9, Enrike 20, Berardi 66 p, 90+2), **Frozinone—Jenoa: 2–1** (Sule 34, Monterizi 90+4 — Malinowskiý 38), **Roma—Udineze: 3–1** (Mançini 20, Dibala 81, El Şaarawi 90 — Towen 57), **Ýuwentus—Inter: 1–1** (Wlahowiç 27 — Martines 33), **Werona—Leççe: 2–2** (Ngong 41, Džuriç 77 — Uden 30, Gonsales 69), **Bolonýa—Torino: 2–0** (Fabbian 56, Zirkzee 90+1)

### BUNDESLIGA (13) — 22 gol

**Köln—Bawariýa: 0–1** (Keýn 20), **Borussiýa D—Borussiýa M: 4–2** (Zabitser 30, Füllkrug 32, Baýnou-Gittens 45, Malen 90+7 — Raýts 13, Kone 28), **Werder—Baýer: 0–3** (Deman 9 ö.d., Frimpong 43, Grimaldo 76), **Wolfsburg—Leipsig: 2–1** (Winn 9, Rožerio 67 — Poulsen 52), **Union Berlin—Augsbugr: 1–1** (Wolland 88 — Demirowiç 39 p), **Fraýburg—Darmştadt: 1–1** (Hýoler 35 — Gonsak 18), **Aýntraht—Ştutgart: 1–2** (Anton 26 ö.d. — Undaw 1, 45+1), **Haýdenhaým—Bohum: 0–0, Hoffenhaým—Maýns: 1–1** (Skow 49 — Rihter 39)

### LIGUE 1 (13) — 28 gol

**PSŽ—Monako: 5–2** (Ramuş 18, Mbappe 39 p, Dembele 70, Witinýa 72, Kolo Muani 90+7 — Minamino 22, Balogun 75), **Klermon—Lans: 0–3** (Wai 11, Tomasson 50, Said 82), **Strasbur—Marsel: 1–1** (Emegha 6 — Kloss 27), **Nissa—Tuluza: 1–0** (Moffi 54), **Loriýan—Mets: 2–3** (Fewr 7, Krupi 22 — Sabali 1, Traore 64, Jallou 82), **Monpelie—Brest: 1–3** (Sawanie 51 — Estew 20 ö.d., Pereýra Lage 64, Dumbiýa 90+3), **Renn—Reýms: 3–1** (Guiri 4, Buržo 46, Teate 66 — Diakite 45+2), **Lion—Lill: 0–2** (Dewid 27, Santuş 32)

### EREDIVISIE (13) — 34 gol

**Ekselsior—Feýenoord: 2–4** (Perrott 17, Lampru 73 — Himenes 6, 61, 83, Timber 66), **Twente—PSW: 0–3** (Werman 45+1, Prýopper 49 ö.d., Bakaýoko 82), **Heerenwen—Fortuna: 3–0** (Haýe 45+3 p, 62 p, Nikolaesku 89), **Aýaks—Witess: 5–0** (Hato 3, Hlinsson 13, Oroz 50 ö.d., Akpom 58, Teýlor 67), **Zwolle—RKS Walweýk: 1–2** (Wan den Berg 29 — Stewanowiç 14, Lokesa 50), **Almere Siti—Herakles: 0–5** (Sanko 4, 64, 87, Sheperman 71, Nankişi 78), **AZ Alkmaar—Wolendam: 3–0** (Wan Bommel 5, Pawlidis 48, Martins Indi 58), **NEK Neýmegen—Gou Ehed Igls: 1–1** (Ross 89 — Sow 88), **Sparta—Utreht: 1–2** (Negli 43 — Sýontens 5, Lidberg 54)

#### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 13 | 9 | 3 | 1 | 27-10 | 30 |
| 2 | MAN. SITI | 13 | 9 | 2 | 2 | 33-13 | 29 |
| 3 | LIWERPUL | 13 | 8 | 4 | 1 | 28-11 | 28 |
| 4 | ASTON WILLA | 13 | 9 | 1 | 3 | 31-18 | 28 |
| 5 | TOTTENHAM | 13 | 8 | 2 | 3 | 25-17 | 26 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 13 | 8 | 0 | 5 | 16-16 | 24 |
| 7 | NÝUKASL | 13 | 7 | 2 | 4 | 31-14 | 23 |
| 8 | BRAÝTON | 13 | 6 | 4 | 3 | 28-23 | 22 |
| 9 | WEST HAM | 13 | 6 | 2 | 5 | 23-23 | 20 |
| 10 | ÇELSI | 13 | 4 | 4 | 5 | 22-20 | 16 |
| 11 | BRENTFORD | 13 | 4 | 4 | 5 | 19-18 | 16 |
| 12 | W. HEMPTON | 13 | 4 | 3 | 6 | 18-23 | 15 |
| 13 | K. PALAS | 13 | 4 | 3 | 6 | 13-18 | 15 |
| 14 | FULHAM | 13 | 4 | 3 | 6 | 13-22 | 15 |
| 15 | NOTTINGAM | 13 | 3 | 4 | 6 | 16-21 | 13 |
| 16 | BORNMUT | 13 | 3 | 3 | 7 | 14-28 | 12 |
| 17 | LUTON TAWN | 13 | 2 | 3 | 8 | 12-23 | 9 |
| 18 | ŞEFFILD ÝUN. | 13 | 1 | 2 | 10 | 11-34 | 5 |
| 19 | EWERTON | 13 | 4 | 2 | 7 | 14-20 | 4 |
| 20 | BÖRNLI | 13 | 1 | 1 | 11 | 10-32 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 10 |
| 3 | Hyn Min SON (Tottenham) | 8 |
| 4 | Jarred BOWEN (West Ham) | 8 |
| 5 | Kallum WILSON (Nýukasl) | 7 |

#### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 14 | 11 | 2 | 1 | 31-9 | 35 |
| 2 | ŽIRONA | 14 | 11 | 2 | 1 | 32-17 | 35 |
| 3 | ATLETIKO M | 13 | 10 | 1 | 2 | 30-12 | 31 |
| 4 | BARSELONA | 14 | 9 | 4 | 1 | 27-14 | 31 |
| 5 | R. SOSIEDAD | 14 | 7 | 4 | 3 | 25-17 | 25 |
| 6 | ATLETIK B | 14 | 7 | 4 | 3 | 26-18 | 25 |
| 7 | BETIS | 14 | 6 | 6 | 2 | 18-16 | 24 |
| 8 | HETAFE | 14 | 4 | 7 | 3 | 17-18 | 19 |
| 9 | WALENSIÝA | 14 | 5 | 4 | 5 | 16-18 | 19 |
| 10 | R. WALLEKANO | 14 | 4 | 7 | 3 | 16-18 | 19 |
| 11 | LAS PALMAS | 14 | 5 | 3 | 6 | 11-13 | 18 |
| 12 | WILÝARREAL | 14 | 4 | 3 | 7 | 21-25 | 15 |
| 13 | ALAWES | 14 | 4 | 3 | 7 | 14-19 | 15 |
| 14 | OSASUNA | 14 | 4 | 2 | 8 | 16-24 | 14 |
| 15 | SEWILÝA | 13 | 2 | 6 | 5 | 19-19 | 12 |
| 16 | KADIZ | 14 | 2 | 5 | 7 | 11-21 | 11 |
| 17 | MALÝORKA | 14 | 1 | 7 | 6 | 13-20 | 10 |
| 18 | SELTA | 14 | 1 | 5 | 8 | 14-24 | 8 |
| 19 | GRANADA | 14 | 1 | 4 | 9 | 19-33 | 7 |
| 20 | ALMERIÝA | 14 | 0 | 3 | 11 | 16-37 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 11 |
| 2 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 9 |
| 3 | Žerar MORENO (Wilýarreal) | 8 |
| 4 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 8 |
| 5 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 7 |

#### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 13 | 10 | 2 | 1 | 30-7 | 32 |
| 2 | ÝUWENTUS | 13 | 9 | 3 | 1 | 20-8 | 30 |
| 3 | MILAN | 13 | 8 | 2 | 3 | 21-14 | 26 |
| 4 | NAPOLI | 13 | 7 | 3 | 3 | 26-14 | 24 |
| 5 | ROMA | 13 | 6 | 3 | 4 | 25-15 | 21 |
| 6 | BOLONÝA | 13 | 5 | 6 | 2 | 15-10 | 21 |
| 7 | FIORENTINA | 13 | 6 | 2 | 5 | 20-17 | 20 |
| 8 | ATALANTA | 13 | 6 | 2 | 5 | 21-13 | 20 |
| 9 | MONZA | 13 | 4 | 6 | 3 | 14-12 | 18 |
| 10 | FROZINONE | 13 | 5 | 3 | 5 | 19-21 | 18 |
| 11 | LASIO | 13 | 5 | 2 | 6 | 14-15 | 17 |
| 12 | TORINO | 13 | 4 | 4 | 5 | 10-16 | 16 |
| 13 | LEÇÇE | 13 | 3 | 6 | 4 | 15-18 | 15 |
| 14 | SASSUOLO | 13 | 4 | 3 | 6 | 20-24 | 15 |
| 15 | JENOA | 13 | 4 | 2 | 7 | 14-18 | 14 |
| 16 | UDINEZE | 13 | 1 | 8 | 4 | 9-18 | 11 |
| 17 | KALIARI | 13 | 2 | 4 | 7 | 13-25 | 10 |
| 18 | EMPOLI | 13 | 3 | 1 | 9 | 8-25 | 10 |
| 19 | WERONA | 13 | 2 | 3 | 8 | 9-18 | 9 |
| 20 | SALERNITANA | 13 | 1 | 5 | 7 | 10-25 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 13 |
| 2 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 7 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 7 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 6 |
| 5 | Andrea KOLPANI (Monza) | 6 |

#### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 12 | 11 | 1 | 0 | 37-10 | 34 |
| 2 | BAWARIÝA | 12 | 10 | 2 | 0 | 43-9 | 32 |
| 3 | ŞTUTGART | 12 | 9 | 0 | 3 | 31-15 | 27 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 12 | 7 | 3 | 2 | 25-19 | 24 |
| 5 | LEIPSIG | 12 | 7 | 2 | 3 | 29-12 | 23 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 12 | 6 | 2 | 4 | 24-21 | 20 |
| 7 | AÝNTRAHT | 12 | 4 | 6 | 2 | 18-13 | 18 |
| 8 | WOLFSBURG | 12 | 5 | 1 | 6 | 17-21 | 16 |
| 9 | FRAÝBURG | 12 | 4 | 3 | 5 | 15-23 | 15 |
| 10 | AUGSBURG | 12 | 3 | 5 | 4 | 21-24 | 14 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 12 | 3 | 4 | 5 | 25-27 | 13 |
| 12 | WERDER | 12 | 3 | 2 | 7 | 18-25 | 11 |
| 13 | HAÝDENHAÝM | 12 | 3 | 2 | 7 | 17-26 | 11 |
| 14 | BOHUM | 12 | 1 | 7 | 4 | 11--25 | 10 |
| 15 | DARMŞTADT | 12 | 2 | 3 | 7 | 15-33 | 9 |
| 16 | MAÝNS | 12 | 1 | 5 | 6 | 12--25 | 8 |
| 17 | UNION BERLIN | 12 | 2 | 1 | 9 | 12--27 | 7 |
| 18 | KÖLN | 12 | 1 | 3 | 8 | 9--24 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 18 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 15 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 9 |
| 4 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 9 |
| 5 | Leroý SANE (Bawariýa) | 8 |

#### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 13 | 9 | 3 | 1 | 34-11 | 30 |
| 2 | NISSA | 13 | 8 | 5 | 0 | 14-4 | 29 |
| 3 | MONAKO | 13 | 7 | 3 | 3 | 27-19 | 24 |
| 4 | LILL | 13 | 6 | 5 | 2 | 17-11 | 23 |
| 5 | REÝMS | 13 | 6 | 2 | 5 | 18-18 | 20 |
| 6 | LANS | 13 | 5 | 4 | 4 | 16-13 | 19 |
| 7 | BREST | 12 | 5 | 3 | 4 | 14-14 | 18 |
| 8 | LE HAWR | 13 | 3 | 7 | 3 | 12--13 | 16 |
| 9 | METS | 13 | 4 | 4 | 5 | 15-20 | 16 |
| 10 | RENN | 13 | 3 | 6 | 4 | 19-17 | 15 |
| 11 | NANT | 13 | 4 | 3 | 6 | 17-23 | 15 |
| 12 | MARSEL | 12 | 3 | 5 | 4 | 13-14 | 14 |
| 13 | MONPELIE | 13 | 3 | 5 | 5 | 17-18 | 13 |
| 14 | STRASBUR | 12 | 3 | 4 | 5 | 10--16 | 13 |
| 15 | TULUZA | 13 | 2 | 6 | 5 | 13-17 | 12 |
| 16 | LORIÝAN | 13 | 2 | 5 | 6 | 17-24 | 11 |
| 17 | KLERMON | 13 | 2 | 4 | 7 | 9--18 | 10 |
| 18 | LION | 12 | 1 | 4 | 7 | 9--21 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 14 |
| 2 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 3 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 5 |
| 5 | Aleksandr GOLOWIN (Monako) | 5 |

#### NIDERLANDLARYŇ ÇEMPIONATY /EREDIVISIE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSW | 13 | 13 | 0 | 0 | 48-5 | 39 |
| 2 | FEÝENOORD | 13 | 10 | 2 | 1 | 40-11 | 32 |
| 3 | AZ ALKMAAR | 12 | 9 | 2 | 1 | 29-6 | 29 |
| 4 | TWENTE | 13 | 8 | 3 | 2 | 25-14 | 27 |
| 5 | GOU EHED IGLS | 13 | 6 | 4 | 3 | 24-17 | 22 |
| 6 | SPARTA | 13 | 5 | 3 | 5 | 18-18 | 18 |
| 7 | HEERENWEN | 13 | 5 | 1 | 7 | 20-26 | 16 |
| 8 | AÝAKS | 12 | 4 | 3 | 5 | 26-24 | 15 |
| 9 | EKSELSIOR | 13 | 3 | 6 | 4 | 22-25 | 15 |
| 10 | HERAKLES | 13 | 4 | 3 | 6 | 20-32 | 15 |
| 11 | ZWOLLE | 13 | 4 | 2 | 7 | 15-23 | 14 |
| 12 | FORTUNA | 13 | 3 | 4 | 6 | 12--23 | 13 |
| 13 | ALMERE SITI | 13 | 3 | 4 | 6 | 12--27 | 13 |
| 14 | NEK NEÝMEGEN | 12 | 2 | 6 | 4 | 21-23 | 12 |
| 15 | UTREHT | 13 | 3 | 3 | 7 | 13-24 | 12 |
| 16 | RKS WALWEÝK | 12 | 4 | 0 | 8 | 10--21 | 12 |
| 17 | WOLENDAM | 13 | 2 | 2 | 9 | 15-31 | 8 |
| 18 | WITESS | 13 | 2 | 2 | 9 | 9--29 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Santiago HIMENES (Feýenoord) | 16 |
| 2 | Wangelis PAWLIDIS (AZ Alkmaar) | 15 |
| 3 | Luk DE ÝONG (PSW) | 10 |
| 4 | Sem STEÝN (Twente) | 8 |
| 5 | Magnus MATTSSON (NEK Neýmegen) | 7 |

# «Real Madrid» 1-nji orna beýgeldi

**Italiýanyň çempionatynda** «Italia» derbisinde «Ýuwentus» bilen «Inter» duşuşyp, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Wlahowiçiň hem-de Martinesiň garşylykly gollary bilen duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Soňky çempion «Napoli» myhmançylykda «Atalantany» Kwarasheliýa bilen Elmasyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. «Milan» öz meýdançasynda «Fiorentinany» Teo Hernandesiň 45+2-nji minutda geçiren penalti goly bilen 1–0 utdy. Duşuşykda meýdança soň giren «milanly» Françesko Kamarda 15 ýaş 260 gün bilen «Serie A»-da oýnan iň ýaş futbolçy diýlip hasaba alyndy. Öz meýdançasynda «Lasio» bilen duşuşan «Salernitana» güýçli garşydaşyny 2–1 hasabynda ýeňdi. Bu olaryň şu möwsümdäki ilkinji ýeňşi boldy.



**Ispaniýanyň çempionatynda** myhmançylykda «Kadiz» toparyny Rodrigo (2) we Bellingamyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňen «Real Madrid» 1-nji orna geçdi. Bellingam «Real Madridde» ilkinji 15 oýunda 14 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. «Žirona»–«Atletik», «Raýo Wallekano»–«Barselona» duşuşyklarynda ýeňiş gazanan bolman, 2 oýun hem 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy. «Atletiko Madrid» Antuan Grizmannyň 64-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen «Malýorkany» ýeňlişe sezewar etdi. Iň aşaky orunda barýan «Almeriýa» toparyna bu tapgyrda-da ýeňiş gazanmak başartmady.



**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Baýere» myhmançylykda «Werderi» ýeňmek kyn düşmedi. 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan lewerkuzenlileriň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. Edil «Baýer» ýaly ýeňlişsiz barýan «Bawariýa» myhmançylykda «Kölnden» Keýniň ýeke-täk goly bilen üstün çykdy. Iki atdaş toparyň duşuşygynda «Borussiýa D» öz meýdançasynda garşydaşy «Borussiýa M» toparynyň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 4–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Tälimçisini çalşan «Union Berlin» çempionatda 9 oýundan soň ilkinji utugyny gazandy.

**Fransiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda PSŽ bilen «Monako» duşuşyp, parižliler 5–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda parižlileriň adyndan Ramuş, Mbappe, Dembele (PSŽ-däki ilkinji goly), Witinýa hem-de Kolo Muani tapawutlandy. «Monakonyň» gollaryny-da Minamino bilen onuň pasyndan soň Balogun geçirdi. Çempionatyň ýeke-täk ýeňlişsiz topary «Nissa» öz meýdançasynda «Tuluzany» iň kiçi hasap bilen utdy.

**Niderlandlaryň çempionatynda** sanawyň lideri PSW myhmançylykda «Twenteden» 3–0, soňky çempion «Feýenoord» «Ekselsiordan» 4–2 hasabynda üstün çykdy. «Feýenoordyň» 3 goluny Himenes öz adyna ýazdyrdy. Kem-kemden özüni dürsäp ugran «Aýaks» hem öz meýdançasynda «Witess» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi.

# 16 klubuň 12-si belli boldy

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçadaky 5-nji duşuşyklar geçirildi. Oýnalan 16 oýunda 54 gol hasaba alnyp, duşuşyklaryň 4-sinde 6 gol derweze girizildi. 2 oýun golsuz tamamlanyp, jemi 6 duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. 7 oýunda ýer eýeleri, 3 duşuşykda myhmanlar ýeňiş gazandy. 1/8 finala çykan klublaryň 12-si belli bolup, «Real Madrid», «Real Sosiedad», «Mançester Siti», «Leipsig», «Inter» klublarynyň hataryna «Arsenal», PSW, «Atletiko Madrid», «Lasio», «Borussiýa Dortmund» hem-de «Barselona» toparlary goşuldy. Tapgyr «kembekler» bilen ýatda galyp, 5 duşuşykda ýzda barýan topar ýa ýeňiş gazandy, ýa-da deňme-deň oýnady.**





«A» toparçadaky 2 duşuşyk hem deňlikde tamamlandy. Toparçadaky ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirýän «Bawariýa» öz meýdançasynda «Kopengageni» ýeňmek başartmady. Duşuşykda hasap açylmady.

### 6 GOL BAR, ÝEŇIŞ GAZANAN ÝOK

● 6 goluň geçirilen oýnunda «Galatasaraý» bilen «Mançester Ýunaýted» 3–3 hasabynda deňme-deň oýnady. Duşuşykda myhmanlar 20 minut dolmanka Garnaço hem-de Bruno Fernandeşiň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýer eýeleri şol gollaryň biriniň öwezini 1-nji ýarymda dolmagy başardy. 29-njy minutda uzak aralykdan jerime urgusyny uran Ziýeş aratapawudy 1 gola düşürdi. 2-nji ýarymda-da 3 gol geçirilip, 55-nji minutda MakTomineý aratapawudy täzeden 2 gola çykardy. Ýöne ruhdan düşmedik türkler 62-nji minutda Ziýeşiň ýene jerime urgusyndan (bu gezek derwezeçi Onana hem gödek ýalňyşdy) hem-de onuň pasyndan soň 71-nji minutda Kerem Aktürkoglunyň ajaýyp goly bilen hasaby deňledi. «Bawariýanyň» 1-nji ýeri eýelän toparçasynda beýleki 3 klubuň hem 2-nji bolmak mümkinçiligi bar.

### «ARSENAL» 6 ÝYLDAN SOŇ 6 GOL BILEN 1/8 FINALA ÇYKDY

● «B» toparçada «Lansyň» derwezesinden jogapsyz 6 gol geçiren «Arsenal» 1/8 finala adyny ýazdyrdy. «Arsenalyň» 6 goluny 6 futbolçy geçirip, londonlylar 1-nji ýarymda 5 gezek tapawutlandy. «Arsenal» 6 ýyldan soň gatnaşýan ýaryşynda 17-nji gezek toparçalardan çykmagy başardy. Bu «Arsenalyň» 100-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.

Çekeleşikli geçen oýunda «Sewilýa» öz meýdançasynda PSW toparyny kabul etdi. Ispan kluby Ramos hem-de En-Nesiriniň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne 66-njy minutda Okamposyň 2-nji sarydan soň gyzyl kart almagy duşuşykdaky ähli hasaplary üýtgetdi. 68-nji minutda Salibariniň ajaýyp goly bilen umytlanan myhmanlar 81-nji minutda Gudeliň awtogoly esasynda hasaby deňledi. 90+2-nji minutda-da Pepiniň geçiren goly eýndhowenlileriň 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik boldy. Olar 4 ýyldan soň gatnaşýan ýaryşynda 5-nji gezek 1/8 finala çykdy. PSW topary soňky gezek 2015/16 möwsüminde 2-nji tapgyrda oýnapdy.

«C» toparçada «Real Madrid» öz meýdançasynda «Napoliden» 4–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ispan klubunyň gollaryny Rodrigo, Bellingam, Paz hem-de Hoselu geçirdi. Ilkinji bolup hasaby açan «Napoli» toparynyň adyndanam Simeone bilen Zambo Anguissa tapawutlandy.

### NEAPOLDA BELLI BOLAR

● «Braga» bilen «Union Berlin» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Duşuşykda nemes kluby 42-nji minutda Gosensiň goly bilen öňe geçse-de, 31-nji minutda 1 oýunçy kem galan «Braga» 51-nji minutdaky Džalonyň goly esasynda hasaby deňledi (1–1). «Braga» soňky duşuşykda «Napolini» 2 gol aratapawudy bilen ýeňse, 1/8 finala çykar.

### ŽOAO MARIONYŇ HET-TRIGI ÝEŇŞE ÝETMEDI



● «D» toparçadaky duşuşyklar hem edil «A» toparçadaky ýaly birmeňzeş hasaplar bilen tamamlandy. «Real Sosiedad» bilen «Red Bull Salsburgyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Portugaliýada geçirilen duşuşykda «Benfika» 1-nji ýarymda «Interiň» derwezesinden 3 gol geçirdi. Gollaryň 3-sini hem 2016–2019-njy ýyllarda 3 möwsüm «Interde» çykyş eden Žoao Mario öz adyna ýazdyrdy. Ýöne onuň bu het-trigi ýeňşe ýeterlik bolmady. 2-nji ýarymda erjel oýun görkezen «Inter» tejribeli oýunçylarynyň gollary bilen hasaby deňläp, ýeňlişden halas boldy. «Intere» 1 utuk gazandyran gollary Arnautowiç, Frattesi hem-de Aleksis Sançes (p) geçirdi.

### AWTOGOLLARYŇ KÖMEGI

● «E» toparçada «Atletiko Madrid» myhmançylykda «Feýenoord» bilen duşuşyp, garşydaşyny 3–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda ispan klubunyň gollarynyň 2-sini rotterdamlylar geçirdi. Ýagny Girtruidanyň hem-de Himenesiň awtogollary ispan klubunyň ýeňşine uly goşant goşdy. «Atletiko Madrid» 1 ýyllyk arakesmeden soň 10-njy gezek 1/8 finalda oýnar.

Italiýanyň «Lasio» kluby «Seltik» toparyny ýyldyz hüjümçisi Çiro Immobileniň 82-nji we 85-nji minutda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňip, 2 ýyldan soň umumylykda 4-nji gezek toparçadan çykmagy başardy.



«F» toparçada myhmançylykda «Milany» 3–1 hasabynda ýeňen «Borussiýa Dortmund» ýaryşy dowam etdirer. Çekeleşikli geçen oýunda nemes klubunyň gollaryny Roýs (10 p), Baýnou-Gittens (59) hem-de Adeýemi geçirdi. Oliwie Žirunyň 5-nji minutda penaltini dürs urup bilmedik oýnunda «Milanyň» ýeke-täk goluny Çukwueze öz adyna ýazdyrdy. Bu onuň italýan klubundaky ilkinji goly boldy. «Borussiýa Dortmund» bassyr 2-nji, umumylykda 13-nji sapar 2-nji tapgyra çykdy.

### PSŽ TOPARYNA ÝENE-DE «NÝUKASLY» ÝEŇMEK BAŞARTMADY

● Angliýada 4-1 utulan PSŽ toparyna öz meýdançasynda-da «Nýukasly» ýeňmek başartmady. 24-nji minutda Aleksandr Isakyň goly bilen öňe saýlanan «Nýukaslyň» derwezesinden hasaby deňlän goly 90+8-nji minutda Kilian Mbappe geçirdi. VAR-yň görkezmesi boýunça nähak berlen 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Mbappe toparyny ýeňlişden halas etdi.



### 35 OÝUNDA 40 GOL

● «G» toparçada «Leipsig» 13-nji we 31-nji minutlarda Loi Opendanyň gollary bilen myhmançylykda 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne soňky çempion «Mançester Siti» garaşylmadyk netijä rugsat bermedi. Ýyldyz hüjümçileri Erling Holann 54-nji, Fil Foden 70-nji hem-de Ýulian Alwares 87-nji minutlarda tapawutlanyp, «Mançester Siti» toparyna bassyr 7-nji ýeňşini gazandyrdy. Holannyň bu ýaryşda geçiren gollarynyň sany 40-a ýetdi. Ol 35 oýunda 40 gol geçirip, bu görkezijä iň çalt ýeten futbolçy boldy.

«Srwena Zwezdany» 2–0 hasabynda ýeňen «Ýang Boýz» Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazandy.

### «BARSELONA» 2 ÝYLLYK ARAKESMEDEN SOŇ

● «H» toparçada «Barselona» öz meýdançasynda «Portony» kabul etdi. Duşuşykda myhmanlar 30-njy minutda ýaş hüjümçi Pepeniň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne dessine hasaby deňlän katalonlar duşuşykdan ýeňiş bilen çykmagy başardylar. «Barselona» toparyna ýeňiş getiren gollary topary düzümine kärendesine çykyş edýän 2 atdaş portugal futbolçy, karýeralaryna «Portonyň» köne bäsdeşi «Benfikada» başlan Žoao Kanselo bilen Žoao Feliks geçirdi. 2 ýyllyk arakesmeden soň «Barselona» topary 23-nji gezek 2-nji tapgyrda oýnamaga hukuk gazandy. «Barselona» topary 2004-2021-nji ýyllar aralygynda yzygiderlilikde 17 gezek 1/8 finala çykypdy.

«Şahtýor Donesk» bolsa Germaniýada «Antwerpeni» Mikola Matwiýenkonyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Toparçadan çykjak 2-nji klub 9 utukly 2 klubuň «Porto» bilen «Şahtýoryň» arasyndaky «Dragao» stadionynda boljak duşuşykdan soň belli bolar.









### Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 5-nji duşuşyklaryň netijeleri:

**«GALATASARAÝ» — «MANÇESTER ÝUNAÝTED»: 3–3**
/Ziýeş 29, 62, Aktürkoglu 71 — Garnaço 11, B. Fernandeş 18, MakTomineý 55/
**«BAWARIÝA» — «KOPENGAGEN»: 0–0**
**«ARSENAL» — «LANS»: 6–0**
/Hawerts 13, Gabriel Žesus 21, Saka 23, Martinelli 27, Edegor 45+1, Žoržinio 86 p/
**«SEWILÝA» — PSW: 2–3**
/Ramos 24, En-Nesiri 47 — Saibari 68, Gudel 81 ö.d., Pepi 90+2/
**«REAL MADRID» — «NAPOLI»: 4–2**
/Rodrigo 11, Bellingam 22, Paz 84, Hoselu 90+4 — Simeone 9, Zambo Anguissa 47/
**«BRAGA» — «UNION BERLIN»: 1–1** /Džalo 51 — Gosens 42/
**«REAL SOSIEDAD» — «RB SALSBURG»: 0–0**
**«BENFIKA» — «INTER»: 3–3**
/Žoao Mario 5, 13, 34 — Arnautowiç 51, Frattesi 58, Aleksis Sançes 72 p/
**«LASIO» — «SELTIK»: 2–0** /Çiro Immobile 82, 85/
**«FEÝENOORD» — «ATLETIKO MADRID»: 1–3**
/Wiffer 77 — Girtruida 14 ö.d., Hermoso 57, Himenes 81 ö.d./
**«PARI SEN-ŽERMEN» — «NÝUKASL»: 1–1**
/Mbappe 90+8 p — Isak 24/
**«MILAN» — «BORUSSIÝA DORTMUND»: 1–3**
/Çukwueze 37 — Roýs 10 p, Baýnou-Gittens 59, Adeýemi 69/
**«ÝANG BOÝZ» — «SRWENA ZWEZDA»: 2–0**
/Nedelkowiç 8 ö.d., Blum 29/
**«MANÇESTER SITI» — «LEIPSIG»: 3–2**
/Holann 54, Foden 70, Alwares 87 — Openda 13, 33/
**«ŞAHTÝOR DONESK» — «ANTWERPEN»: 1–0** /Matwiýenko 12/
**«BARSELONA» — «PORTO»: 2–1**
/Žoao Kanselo 32, Žoao Feliks 57 — Pepe 30/

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 5 | 4 | 1 | 0 | 11-6 | 13 |
| 2 | KOPENGAGEN | 5 | 1 | 2 | 2 | 7-8 | 5 |
| 3 | GALATASARAÝ | 5 | 1 | 2 | 2 | 10-12 | 5 |
| 4 | MAN. ÝUNAÝTED | 5 | 1 | 1 | 3 | 12-14 | 4 |

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATLETIKO MADRID | 5 | 3 | 2 | 0 | 15-6 | 11 |
| 2 | LASIO | 5 | 3 | 1 | 1 | 7-5 | 10 |
| 3 | FEÝENOORD | 5 | 2 | 0 | 3 | 8-8 | 6 |
| 4 | SELTIK | 5 | 0 | 1 | 4 | 3-14 | 1 |

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 5 | 4 | 0 | 1 | 15-3 | 12 |
| 2 | PSW | 5 | 2 | 2 | 1 | 7-9 | 8 |
| 3 | LANS | 5 | 1 | 2 | 2 | 4-10 | 5 |
| 4 | SEWILÝA | 5 | 0 | 2 | 3 | 6-10 | 2 |

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BORUSSIÝA DORT. | 5 | 3 | 1 | 1 | 6-3 | 10 |
| 2 | PARI SEN-ŽERMEN | 5 | 2 | 1 | 2 | 8-7 | 7 |
| 3 | NÝUKASL | 5 | 1 | 2 | 2 | 5-5 | 5 |
| 4 | MILAN | 5 | 1 | 2 | 3 | 3-7 | 5 |

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 5 | 5 | 0 | 0 | 13-5 | 15 |
| 2 | NAPOLI | 5 | 2 | 1 | 2 | 8-9 | 7 |
| 3 | BRAGA | 5 | 1 | 1 | 3 | 6-10 | 4 |
| 4 | UNION BERLIN | 5 | 0 | 2 | 3 | 4-7 | 2 |

| Or. | «G» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MANÇESTER SITI | 5 | 5 | 0 | 0 | 15-5 | 15 |
| 2 | LEIPSIG | 5 | 3 | 0 | 2 | 11-9 | 9 |
| 3 | ÝANG BOÝZ | 5 | 1 | 1 | 3 | 6-11 | 4 |
| 4 | SRWENA ZWEZDA | 5 | 0 | 1 | 4 | 4-5 | 1 |

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL SOSIEDAD | 5 | 3 | 2 | 0 | 7-2 | 11 |
| 2 | INTER | 5 | 3 | 2 | 0 | 8-5 | 11 |
| 3 | RB SALSBURG | 5 | 1 | 1 | 3 | 3-5 | 4 |
| 4 | BENFIKA | 5 | 0 | 1 | 4 | 4-10 | 1 |

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 5 | 4 | 0 | 1 | 10-3 | 12 |
| 2 | PORTO | 5 | 3 | 0 | 2 | 10-5 | 9 |
| 3 | ŞAHTÝOR DONESK | 5 | 3 | 0 | 2 | 7-7 | 9 |
| 4 | ANTWERPEN | 5 | 0 | 0 | 5 | 3-15 | 0 |

UÇL-de 2023/24 **möwsüminde iň** köp gol geçiren futbolçylar:

| | |
|---|---|
| Rasmus Hýoýlunn (Man. Ýunaýted) | 5 |
| Alwaro Morata (Atletiko Madrid) | 5 |
| Erling Holann (Mançester Siti) | 5 |
| Ewanilson (Porto) | 4 |
| Antuan Grizmann (Atletiko Madrid) | 4 |
| Harri Keýn (Bawariýa) | 4 |








